**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW:
– AŞGABAT ŞÄHERINIŇ DURMUŞ ULGAMYNA DEGIŞLI DÜZÜMLERINI KÄMILLEŞDIRMEK MESELELERINIŇ OŇYN ÇÖZGÜDI PAÝTAGTYMYZYŇ MUNDAN BEÝLÄK-DE SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINE ITERGI BERER.**

ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

26-njy mart, 2021. Belgisi 13/1423



# AŞGABAT – BAKY BAGTYŇ ŞÄHERI

**24-nji martda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyzyň işewürlik we durmuş maksatly desgalaryň kemala gelýän ýeri bolan günorta künjeginde alnyp barylýan işleriň ýagdaýy bilen tanyşdy. Ýurdumyzyň baş şäherini durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, gurulýan desgalarda milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesini utgaşdyrmak we paýtagtymyzyň durmuş düzümini kämilleşdirmek bilen baglanyşykly meseleler milli Liderimiziň hemişelik üns merkezinde saklanýar.**

Döwlet Baştutanymyz ir bilen ak mermerli Aşgabadyň günorta künjeginde sil suwuny sowujy akabalaryň we suw toplaýjy desgalaryň gurluşygynyň alnyp barylýan ýerine geldi.

Wise-premýer Ş.Durdylyýew sil suwlaryny sowujy akabalaryň we suw toplaýjy desgalaryň gurluşyk işleri, şeýle hem diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, tutuş gündogar halklarynyň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň heýkeliniň ýerleşdiriljek ýerleri, onuň töwereklerini abadanlaşdyrmak boýunça ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi hem-de bu işler barada giňişleýin maglumat berýän taslamalary we çyzgylary görkezdi.

Häzirki wagtda Köpetdagyň etegindäki ajaýyp ýerlerde birnäçe binagärlik toplumlary gurlup, ulanmaga berildi. Bu ýerdäki binalar, ýol-ulag düzümine degişli desgalar, seýilgäh zolaklary bir bitewi sazlaşygy emele getirip, şäheriň bu künjeginiň gözelligine gözellik goşýar.

Döwlet Baştutanymyz görkezilen taslamalar we çyzgylar bilen içgin tanşyp, olara birnäçe bellikleri we degişli düzedişleri girizdi. Hormatly Prezidentimiz dostluga, watansöýüjilige, merdanalyga çagyrýan ajaýyp eserleri bilen dünýäde meşhur bolan Magtymguly Pyragynyň heýkeliniň we onuň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşynyň häzirki zamanyň ösen binagärlik çözgütlerine laýyk gelmelidigini belledi.

Şunda bu ýerlerde gurulýan desgalar Köpetdagyň etegindäki tebigy aýratynlyklar bilen bir bitewi sazlaşygy emele getirmelidir we olaryň taslamalary taýýarlananda häzirki zamanyň ösen tejribelerinden, milli binagärlik ýörelgelerinden we ýerli özboluşly tebigy aýratynlyklardan ugur alynmalydyr, ekologiýa meselelerine möhüm ähmiýet berilmelidir diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi hem-de wise-premýer Ş.Durdylyýewe, gurluşyk we binagärlik ministri R.Gandymowa, Aşgabat şäheriniň häkimi Ý. Gylyjowa anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» şygary astynda geçýän ýylyň mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllygy we Aşgabat şäheriniň 140 ýyllygy mynasybetli dabaralara beslenýändigini aýdyp, ýerine ýetirilýän işlerde şanly senelere görülýän taýýarlyga möhüm ähmiýet berilmeginiň wajypdygyna ünsi çekdi.

Hormatly Prezidentimiz ýadygärligiň we onuň töwerekleriniň abadanlaşdyryş derejesine, bu ýerleriniň gülzarlyga öwrülmegine ünsi çekip, arassaçylyk we ekologiýa ýagdaýy bilen baglanyşykly meseleleriň hemişe üns merkezinde saklanmalydygyny tabşyrdy.

Milli Liderimiz Aşgabadyň taryhynyň dürli döwürlerinde döredijilik işgärleriniň, aýdymçylaryň we kompozitorlaryň täze eserleri döretmäge ruhlandyrandygyny belläp, bu ýerde, Giňdiwaryň eteginde Magtymguly Pyragynyň toplumy ady bilen döredijilik işgärleri üçin niýetlenen merkeziň döredilmeginiň maksadalaýyk boljakdygyny aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz tutuş ýurdumyzda bolşy ýaly, Aşgabadyň günorta tarapynda ýerine ýetirilýän gurluşyk işlerine ünsi çekip, desgalaryň daşky we içki bezeg aýratynlyklaryna, toplumyň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşyna, bu künjegiň yşyklandyryş ulgamynyň kämilleşdirilmegine we döwrebaplaşdyrylmagyna möhüm ähmiýet berilmelidigini belledi we bu ugurda alnyp barylýan işleri yzygiderli gözegçilikde saklamagy degişli ýolbaşçylara tabşyrdy.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, desgalaryň bezeg işlerinde ulanylýan serişdeleriň ýokary hilli bolmagy, olarda reňkleriň özboluşly sazlaşygynyň döredilmegi we milli öwüşginde bolmagy möhüm talap bolup durýar.

Şeýle hem häzirki döwürde bu ýerde sil suwlaryny sowujy akabalaryň we suw toplaýjy desgalaryň gurluşygy batly depginlerde alnyp barylýar. Şäheriň günorta böleginde ýaýbaňlandyrylan giň gerimli özgertmeler binagärlik şähergurluşyk maksatnamasynyň esasy bölegini emele getirýär. Kesgitlenilen wezipeleriň üstünlikli çözülmegine gönükdirilen işler toplumlaýyn esasda amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryna laýyklykda, sil suwlaryndan goraýjy desgalaryň gurluşygynda ylmy taýdan esaslandyrylan çözgütler we bu ugra degişli dünýäniň ösen tejribesi işjeň ulanylýar. Şeýle hem bu ýerden geçýän tebigy sil akabalarynyň durky täzelenip, olar häzirki döwrüň talaplaryna laýyk derejede döwrebaplaşdyrylýar.

Bu işleriň ýokary derejede amala aşyrylmagy paýtagtymyzyň günorta künjeginde häzirki zaman desgalarynyň, seýilgäh zolaklarynyň we beýleki toplumlaryň gurluşyklarynyň bökdençsiz alnyp barylmagynyň baş şertini emele getirýär. Şunda işleriň ekologiýa derejesine möhüm ähmiýet berilýär.

Bu ýerde umumy uzynlygy 52 kilometre barabar bolan akabalar gurlar. Tebigy sil suw akabalarynyň durkuny täzelemek işleri alnyp barylýar. Bu ýerleriň sil suw akabalary Garagum derýasynyň demirgazygyndaky suw akabasyna birikdirilýär. Şeýlelikde, jemlenýän sil we ýagyn suwlary bir bitewi ugra birigip, «Altyn asyr» Türkmen kölüne tarap gidýän akaba goşular.

Toplumyň gurluşygynyň hem-de olaryň ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyrmak işleriniň Russiýa Federasiýasynyň «Wozroždeniýe» önümçilik birleşigi» paýdarlar jemgyýetine ynanylandygyny bellemek gerek. Häzirki döwürde sil suwlaryny sowujy akabalaryň gurluşygynda tehnikalaryň 900-si ulanylýar. Şolardan 100 tehnika gurluşygy ýerine ýetirýän düzüme degişli bolup, galan 800 tehnika ýurdumyzyň şahsy taraplaryna degişlidir.

Hormatly Prezidentimiz Köpetdagyň etegindäki ýerlerde gurulýan sil suwlaryny sowujy desgalaryň ugry bilen akýan suwlaryň «Altyn asyr» Türkmen kölüniň akabasyna goşulyp, Garagumuň jümmüşinde ýerleşýän Türkmen kölüne akdyrylmagynyň ähmiýetini belledi hem-de degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi. ■ 2

*Gurbanguly*
*BERDIMUHAMEDOW*

## AK ŞÄHERIM AŞGABAT

*Aziýaň dür-merjeni,*
*Ak şäherim Aşgabat!*
*Dost-doganlyk merkezi,*
*Ak şäherim Aşgabat!*

*Köpetdagyň çeşmesi,*
*Garagumuň keşdesi,*
*Göýä ak gül dessesi,*
*Ak şäherim Aşgabat!*

*Aşgabat!*
*Illeriň messan-messan,*
*Aşgabat!*
*Gujagyň ýaşyl bossan,*
*Aşgabat!*
*Watanym Türkmenistan,*
*Ak şäherim Aşgabat!*

*Güýç aldym daglaryňdan,*
*Joş aldym baglaryňdan,*
*Çaglandym çaglaryňdan,*
*Ak şäherim Aşgabat!*

*Galkyp ganat gerdigim,*
*Sap söýgüden gurdugym,*
*Ýüregi sen ýurdumyň,*
*Ak şäherim Aşgabat!*






# HABARLAR

**Şu ýyl ýurdumyz boýunça «ak altynyň» 1 million 250 müň tonnasyny ýygnamak meýilleşdirilýär.**

## Smartfon satuwy ýokarlanýar

«The Wall Street Journal» neşiriniň habaryna görä, «Apple» kompaniýasy şu ýyl takmynan 220 million «iPhone 12» satmagy meýilleşdirýär. Ýöne «Wedbush» kompaniýasy «iPhone 12» smartfonynyň satuwynyň has ýokary boljakdygyny belläp, 240-250 million smartfonyň satyljakdygyny çaklaýar. Eger bu satuw amala aşyrylan halatynda kompaniýanyň taryhynda täze rekord bolar. Öňki rekord 2015-nji ýylda goýuldy. Şonda jemi 231 million «iPhone 6» satylypdy.



Häzirki wagtda «iPhone 12» telefony uly islegden peýdalanýar we öňümizdäki 3 aýdaky sargytlary gowy netijeler berýär. Sentýabr aýynyň üçünji hepdesinde ýa-da oktýabr aýynyň başlarynda «iPhone 13» telefonunyň tanyşdyrylmagyna garaşylýar. Onuň hem täze rekordlary goýmagyna garaşylýar.

**Hydyr ÇÜRIÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*



## Iň ýyndam ulagyny hödürledi

«Bentley» awtoulag öndürijisi taryhyndaky iň ýokary tizlikde hereket edýän awtoulagyny öndürdi. Bu ulag 100 km/sagat tizlige 3,6 sekuntda ýetmäge ukyply bolup, onuň iň ýokary tizligi sagatda 335 kilometre deňdir.

Iňlis kompaniýasy «Bentley Continental GT» kysymly ulagyndan dört ýyl soň, onuň has kämilleşdirilen görnüşi bolan «Continental GT Speed» ulagyny hödürledi.

Kuwwaty 660 at güýjüne deň bolan «Bentley Continental GT Speed W12» goşa turbo 6.0 litrlik hereketlendirijä eýedir. Bu ulagyň müşderilerine ulagyň içerki bezeginiň 11 dürli reňklisi hödürlenýär. «Bentley Continental GT Speed» ulagynyň bahasy entek mälim edilmedi. Adaty «Continental GT» 224 müň dollar töweregi bahadan satylýar. Täze ulagyň has gymmat boljakdygy aýdyňdyr.

**Abdykerim HEMRAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Rekord bahadan satyldy

Angliýaly suratkeş Saşa Jafri tarapyndan çekilen dünýäniň iň uly suraty rekord bahadan satyldy. Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde auksiona çykarylan surat jemi ýetmiş bölekden ybarat. 62 million dollara satylan surat dünýäniň iň uly suraty hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilipdi. Suratkeş bu eserini ýedi aýda tamamlaýar.



Suratyň ululygy 17 müň inedördül metre barabar. «Adamzadyň syýahaty» atly bu suraty fransiýaly Andre Abdun satyn aldy. Äpet kartinanyň satuwyndan alnan girdejiniň «Dubai Cares», «Global Gift Foundation» ÝUNISEF we ÝUNESKO ýaly guramalara haýyr-sahawat hökmünde geçiriljekdigi mälim edildi. Suratyň täze eýesi «Altius Gestion International Holding» atly kompaniýa ýolbaşçylyk edýär.

**Ogulniýaz HOJAÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Uglerod süýümli batareýa

Şwesiýanyň Çalmers tehnologiýa uniwersitetiniň inženerleri uglerod süýümli innowasion ähmiýetli batareýanyň döredilendigini habar berdiler. Batareýanyň täze görnüşine «agramsyz» diýilýär. 2018-nji ýylda şwesiýaly alymlar ulagyň gurluşygynda ulanylmagy üçin zerur berkligi we zarýad saklamak ukybyny üpjün edýän kristallaryň ýörite tertibi bolan uglerod süýüminiň täze görnüşini oýlap tapdylar.



Taslamanyň ýolbaşçysy Leýf Aspyň aýtmagyna görä, «agramsyz» batareýa elektrik awtoulagyna goşmaça agram salmaýar. Hünärmenler geljekde bu batareýanyň kuwwatyny has-da ýokarlandyrmagy maksat edinýärler. Ony diňe ulaglarda däl, eýsem, smartfonlarda, kompýuterlerde, elektrikli welosipedlerde, uçarmansyz uçarlarda we beýleki tehnologik enjamlarda ulanmak bolar.

**Saparmuhammet ATAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# AŞGABAT – BAKY BAGTYŇ ŞÄHERI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Döwlet Baştutanymyza sil suw akabalarynyň gurluşyklarynyň şekil taslamalary, şeýle hem akabalaryň ugrunda ýerleşdirilýän suw saklaýjy desgalar, olaryň geçjek ugurlary, awtomobil we demir ýol köprüleriniň ýerleşjek ýerleri barada maglumat berýän çyzgylar görkezildi.

Wise-premýer Ş.Durdylyýew sil suwlaryny sowujy akabalaryň ugrunda uly göwrümli howdanlaryň döredilýändigi, onda siliň getiren daşlarynyň owradylýandygy, şeýlelikde, sil suwlarynyň süzülip, arassa suw alynýandygy barada giňişleýin maglumatlar berdi. Işler dünýäniň ösen tejribesi esasynda alnyp barylýar, ýurdumyzyň alymlary ylmy taýdan esaslandyrylan çözgütleri kabul edýärler. Sil suwlaryny sowujy akabalaryň ugrunda suw toplaýjy desgalaryň 10-a golaýy bina edildi.

Döwlet Baştutanymyz Aşgabadyň günortasynda sil suwlaryndan goraýjy desgalaryň gurluşygyna, şol sanda tebigy akabalaryň ulanyş ýagdaýynyň degişli derejede saklanylmagyna aýratyn ähmiýet berilmelidigini belledi. Bu işde halkymyzyň köpasyrlyk tejribesinden ugur alynmagy zerurdyr diýip, milli Liderimiz nygtady.

Paýtagtymyzyň we onuň töwerekleriniň abadanlaşdyrylmagy we ekologiýa abadançylygynyň üpjün edilmegi bilen baglanyşykly wezipeleri çözmek üçin tagallalar edilmelidir. Döwlet Baştutanymyz paýtagtymyzyň işewürlik we durmuş maksatly desgalar toplumynyň kemala gelýän ýerinde gurulýan binalaryň bir bitewi binagärlik sazlaşygyna möhüm ähmiýet berilmelidigini belledi we bu babatda degişli ýolbaşçylara anyk görkezmeleri berdi.

Soňra gurluşyk we binagärlik ministri R.Gandymow gurluşygy alnyp barylýan sil suwlaryny sowujy desgalaryň toplumyndaky işleriň ýagdaýy, onuň çäklerinde oturdylmagy meýilleşdirilýän suw sorujylaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary we olaryň kuwwaty barada hasabat berdi.

Aşgabat şäheriniň häkimi Ý.Gylyjow paýtagtymyzyň bu künjegini toplumlaýyn esasda döwrebaplaşdyrmak, aýratyn-da, bu ýerde ýakymly howa gurşawyny emele getirmäge gönükdirilen ekologiýa syýasatyny işjeňleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz desgalar, aýratyn-da, sil suw akabalary gurlanda we olaryň taslamalary düzülende olaryň ýokary hiline, uzakmöhletleýinligini üpjün etmek üçin ylmy taýdan esaslandyrylan çemeleşmelere aýratyn ähmiýet berilmelidigini nygtady.

Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynyň suwarymly ýerlerinden çykýan zeý suwlaryny, şol sanda ýagyn we sil suwlaryny ýygnamak üçin niýetlenen «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurluşygynyň taslamasyny amala aşyrmak aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Munuň özi Garagumda maldarçylygy, dowardarçylygy ösdürmek, öri meýdanlaryň çägini giňeltmek we balykçylyk bilen meşgullanmak üçin zerur şertleri üpjün edýär.

Bellenilişi ýaly, «Altyn asyr» Türkmen kölüniň döredilmegi Garagum sährasynyň haýwanat we ösümlik dünýäsiniň has-da baýlaşmagyna oňyn täsir eder. Türkmen kölünde balyklaryň görnüşleriniň 38-e ýetmegi onuň bu ugry ösdürmekde ähmiýetlidigininiň nobatdaky subutnamasydyr.

Şunuň bilen birlikde, suw serişdelerini netijeli peýdalanmak, howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak, biologik köpdürlüligi we tebigy aýratynlyklary saklamak, çölleşmä hem-de ýerleriň zaýalanmagyna garşy göreşmek, tokaý zolaklaryny döretmek, ilatyň ekologiýa derejesini ýokarlandyrmak babatda ägirt uly işler dowam edýär diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz şunda suw akabalaryny giňeltmek, olaryň geçirijilik ukybyny ýokarlandyrmak, şeýle hem suw akymyny sazlamak üçin suw sowujy desgalaryň zerur bolan möçberlerini, suw hojalyk desgalaryny we köprüleri gurmak boýunça alnyp barylýan işleriň netijeli dowam etdirilmelidigini belledi hem-de bu wajyp ähmiýetli işlerde dünýäniň öňdebaryjy tejribesiniň oýlanyşykly ulanylmalydygy we bu desgalaryň gurluşygynyň ylmy taýdan esaslandyrylmalydygy barada tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz bu ugurda ýerine ýetirilýän işleri yzygiderli gözegçilikde saklamak babatda degişli ýolbaşçylara birnäçe anyk görkezmeleri berdi we amala aşyrylýan işlerde üstünlik arzuw etdi.

## Metbugat maslahaty geçirildi

**24-nji martda Daşary işler ministrliginde wideoaragatnaşyk arkaly «Häzirki zaman dünýäde parahatçylygyň we ynanyşmagyň derwaýyslygy» atly metbugat maslahaty geçirildi.**



Onlaýn duşuşyga «Mir» döwletara teleradiokompaniýasynyň, Türkiýäniň «TRT» teleradiokorporasiýasynyň, Russiýanyň «Russia Today» halkara habar beriş teleýaýlymlar ulgamynyň, Aziýa-Ýuwaş umman teleradiogepleşikler birleşiginiň (ABU), «Bütinrussiýa döwlet teleradio gepleşikler kompaniýasy» federal döwlet unitar kärhanasynyň, Hindistanyň «Prasar Bharati» ýaýlymlar kompaniýasynyň, Özbegistanyň milli teleradiokompaniýasynyň, Azerbaýjanyň «AzerTAj» Döwlet habarlar agentliginiň, Gruziýanyň «TW-24» teleýaýlymynyň, Ermenistanyň «Armenpress» habarlar agentliginiň, «Aztv» halkara radiosynyň we beýlekileriň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar.

Metbugat maslahatynyň barşynda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň abadançylygy hem-de durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen tagallalaryny jebisleşdirmek, uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy hem-de onuň mümkinçiliklerini giňeltmek barada pikir alşyldy.

Duşuşyga gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiziň 2021-nji ýyly Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly diýip yglan etmek baradaky başlangyjynyň Halkara Bileleşigi tarapyndan goldanylmagynyň türkmen Bitaraplygynyň häzirki döwrüň dünýä syýasatynda netijelidigininiň hem-de wajypdygynyň subutnamasy bolandygyny biragyzdan tassykladylar.

Metbugat maslahatyna gatnaşyjylar maglumatlary alyşmak, usulyýet onlaýn okuwlaryny guramak boýunça hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň çäklerinde hem-de Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy mynasybetli geçirilýän çäreleri giňden beýan etmek babatda bilelikdäki işleri ara alyp maslahatlaşdylar.

## Oba hojalygynda gyzgalaňly möwsüm: gowaça ekişine badalga berildi

Ýurdumyzda möhüm oba hojalyk möwsümi bolan gowaça ekişi başlandy. Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda ýurdumyzyň edermen pagtaçylary «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda «ak altynyň» bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek üçin işe girişdiler.

Ýurdumyzyň birbada 4 welaýatynyň, ýagny Ahal, Balkan, Lebap we Mary welaýatlarynyň pagtaçylary gowaça ekişine girişdiler. Daşoguz welaýatynyň ekerançylary bolsa 31-nji martda ekişe başlarlar.

Asylly däbe görä, gowaça ekişine hormatly ýaşulular ak pata berdiler. Beýik Biribardan abadançylyk, mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegi, milli Liderimiziň döwletli tutumlarynyň rowaç almagy dileg edilip, meýdanlara gowaça tohumlary sepildi. Soňra mehanizatorlar işe girişdiler.

Pagtaçylyk daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilýän mukdaryny artdyrmak, eksport kuwwatyny pugtalandyrmak boýunça döwlet maksatnamalarynyň amala aşyrylmagyny üpjün edýän ýurdumyzyň obasenagat toplumynyň esasy pudaklarynyň biridir. Geçen ýyl eziz Diýarymyzyň hasyl ussatlary Watan harmanyna 1 million 250 müň tonnadan gowrak «ak altyn» tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamalaryny artygy bilen ýerine ýetirdiler.

Şu ýyl tutuş ýurdumyz boýunça «ak altynyň» 1 million 250 müň tonnasyny ýygnamak meýilleşdirilýär.



Şol sanda Watan harmanyna Ahal welaýatyndan 280 müň tonna, Balkan welaýatyndan 10 müň tonna, Daşoguz welaýatyndan 275 müň tonna, Lebap welaýatyndan 320 müň tonna, Mary welaýatyndan bolsa 365 müň tonna pagta hasylyny tabşyrmak göz öňünde tutulýar.

Ekiş möwsümine çenli ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda orta süýümli gowaça tohumynyň saýlama görnüşleri taýýarlanyldy. Şolaryň hatarynda «Ýolöten-7», «Daşoguz-120», «Daşoguz-114», «149 F», «Gubadag-3», «Ýolöten-39», «Jeýhun», «S-2606» görnüşlerine aýratyn ähmiýet berildi. Gowaçanyň inçe süýümli «Ýolöten-14» görnüşi, toprak-howa şertlerine laýyklykda, Ahal we Mary welaýatlarynda ekiler.

Şu möwsümde dürli kysymly bejergi traktorlarynyň 7 müň 600-den gowragy, ekiş gurallarynyň 1 müň 700-den gowragy, ekişiň bökdençsizligini üpjün edýän we soňky agrotehniki çäreleri geçirmäge niýetlenen gowaça kultiwatorlarynyň we beýleki oba hojalyk enjamlarynyň 5 müň 500-den gowragy peýdalanylar. Etraplarda düzüminde mehanik-abatlaýjylar hem-de sazlaýjylar bolan toparlaryň 436-sy döredildi. Şolar göçme ussahanalar, kebşirleýji enjamlar hem-de ýangyç daşamak üçin awtoulaglar bilen üpjün edildi.

Şeýle hem ýakynda gelip gowşan täze tehnikalar, hususan-da, ekiş gurallary, dünýä belli «John Deere» kompaniýasyndan satyn alnan we telematik sanly elektron ulgamy bilen enjamlaşdyrylan traktorlar şu möwsümde ekin meýdanlaryna çykarylar.

**Serdar ATAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleri ulgamynda hyzmatdaşlyk

Soňky ýyllarda ýurdumyzda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden peýdalanmak boýunça iri taslamalar durmuşa geçirilýär. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyz 2018-nji ýylyň oktýabrynda Energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleri boýunça halkara agentliginiň (IRENA) agzalygyna kabul edildi. Bu halkara gurama bilen hyzmatdaşlygy ösdürmegiň çäklerinde geçirilmeli çäreleriň meýilnamasy ylalaşylyp, göz öňünde tutulan çäreleri durmuşa geçirmek üçin degişli işler yzygiderli alnyp barylýar.



Golaýda ýurdumyzyň Daşary işler ministrliginde bu guramanyň baş direktory Françesko La Kamera bilen duşuşyk geçirildi. Onda Taraplar energiýanyň gaýtadan dikeldilýän we alternatiw çeşmeleri ulgamynda özara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek barada pikir alyşdylar. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanda 2030-njy ýyla çenli gaýtadan dikeldilýän energetikany ösdürmek boýunça Milli strategiýa tassyklanyldy.

Türkmen tarapy Agentligiň howandarlygynda geçirilýän halkara, sebit derejelerindäki çärelere, şol sanda IRENA-nyň Assambleýasynyň mejlislerine yzygiderli gatnaşýar.

Ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşini üpjün etmek, energiýanyň gaýtadan dikeldilýän we adaty bolmadyk çeşmeleriniň, ýagny alternatiw hem-de energetika serişdeleriniň görnüşlerini ikilenç peýdalanmagyň gerimini giňeltmek, energiýany tygşytlaýjy we innowasiýa tehnologiýalaryny işläp taýýarlamagyň hem-de durmuşa ornaşdyrmagyň esasynda tebigy energiýa serişdeleriniň tygşytlylygyny we ygtybarlylygyny üpjün etmek maksady bilen, 2018-nji ýylyň 21-nji fewralynda hormatly Prezidentimiziň tassyklamagy bilen «Energiýany tygşytlamagyň 2018 – 2024-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy», 2019-njy ýylyň 12-nji aprelinde «Altyn asyr» Türkmen kölüniň sebitini 2019 – 2025-nji ýyllarda özleşdirmegiň Konsepsiýasy» kabul edildi. Bu Konsepsiýanyň çäklerinde daşky gurşawy goramak we ekologiýa taýdan arassa «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak maksady bilen, kuwwatlylygy 10 MWt bolan Gün we ýel utgaşdyrylan elektrik stansiýasyny gurmak meýilleşdirilýär.

**Hoşgeldi TAHYROW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*

## Çip önümçiliginde bäsdeşlik artýar

Häzirki wagtda dürli mobil we beýleki enjamlar bilen bir hatarda awtoulaglarda hem mikroçipler ulanylýar. Sanly tehnologiýanyň ähli enjamlarda ulanylmagy innowasiýa talap edýän şeýle önümleriň gymmatyny has hem artdyrýar. Şeýle bolansoň bu ugurdaky bäsdeşlik barha ýokarlanýar. Dünýäniň iň uly mikroçip öndüriji firmalarynyň biri bolan «Intel»-iň ýolbaşçysy Pat Gelsinger ABŞ-nyň Arizona ştatynda iki sany täze desgany gurmagy maksat edinýändiklerini, bu täze taslamalary durmuşa geçirmek üçin hem 20 milliard dollar maýa goýjakdyklaryny mälim etdi. Täze önümçilik desgasynda 3 müňden gowrak ýokary derejeli hünärmen zähmet çeker. Şeýle hem 3 müňden gowrak adam taslamanyň gurluşygynda işlär. 15 müň adam bolsa uzak möhletli iş bilen üpjün ediler.



40 ýyl çemesi wagt bäri tehnologiýa pudagynda iş alyp barýan kompaniýa soňky ýyllarda önümçilik babatda bäsdeşlerinden birneme yza galypdy. Täze taslamalar kompaniýanyň bu ugurda gaýtadan öňdäki orny eýelemegine mümkinçilik berer. «Intel» diňe ABŞ-da däl, Ýewropa ýurtlarynda hem täze fabrikleri gurmagy maksat edinýär. Ýeri gelende aýtsak, häzirki wagtda «Intel» ady bilen çykýan ýarymgeçirijileriň belli bir bölegi kompaniýanyň hyzmatdaşlary tarapyndan öndürilýär. Täze taslamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen kompaniýa öz harytlaryny öz zawodlarynda öndürer. «Intel»-iň bu ädimi tehnologiýa dünýäsinde bäsdeşligiň önümçilik babatda dowam etjekdigini görkezýär.

«Apple» kompaniýasy köp ýyldan bäri öz enjamlarynda «Intel» mikroprosessorlaryny ulanýardy. Emma soňky öndüren «MacBook» planşetlerinde M1 atly öz mikroprosessoryny oturdypdy. 1990-njy ýyllarda dünýädäki ýarymgeçirijileriň dörtden üç bölegi ABŞ-da we Ýewropada öndürilýärdi, emma häzirki wagtda bu görkeziji 25 göterimden hem pese gaçdy. Ýaponiýa, Koreýa Respublikasy, Taýwan we Hytaý bu ugurda öňdeligi eýeleýär. Häzirki wagtda çip öndürmekde iş alyp barýan kompaniýalaryň merkezi edaralary ABŞ-da ýerleşýän bolsa-da önümçilik desgalarynyň köpüsi beýleki ýurtlarda ýerleşýär.

**Kerim MUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

## Saglygy gowulandyrmagyň aňsat usuly

Häzirki döwürde adamlar **«**dört diwaryň**»** arasynda köp galýarlar. Ol hem köp sanly kynçylyklary döredýär. Şonuň üçin açyk howada gezelenç etmek dürli sebäplere görä peýdalydyr. Bu ýeňil fiziki işjeňlik, gözler üçin dynç almak we bedeni kislorod bilen iýmitlendirmek babatda örän uly ähmiýete eýedir. Tebigat hakynda oýlanmak köşeşdiriji, güýçlendiriji häsiýete eýe bolup, hatda akyl bozulmalarynyň döremek howpuny hem peseldýär.



ABŞ-nyň we Kanadanyň alymlary tebigatyň sesiniň psihologiki rahatlyk üçin ýakymlydygyny mälim etdiler. Guşlaryň sesi, ýapraklaryň şybyrdysy we ýagşyň sesi saglygymyza hem oňyn täsir edýär.

Şol bir wagtyň özünde dürli çeşmelerden gelýän sesler başgaça täsir edýär: mysal üçin suwuň sesi oňyn duýgulary döredýär we saglygy güýçlendirýär, guşlaryň sesi bolsa gahar-gazaby peseldýär. Bu netijä gelmek üçin alymlar topary ABŞ-nyň milli seýilgähindäki tebigy sesleri ýazgy edip, olar babatda ylmy-barlag işlerini geçirdiler. Şonuň netijesinde hem, tebigatyň adamyň saglygyna örän peýdalydygy hem-de saglygyňy berkitmegiň aňsat usulydygy anyklandy.

**Rejepguly SARYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*



## AWTOULAG satuwy pese gaçdy

Ýewropa Bileleşiginde awtoulag satuwynyň pese gaçandygy mälim edildi. Geçen aý sebitde 771 müň 486 täze awtoulag satylyp, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründäkiden 19,3 göterim az boldy. Ýewropa Bileleşigine agza 27 ýurduň arasynda iň köp ulag Germaniýada satylypdyr. Bu döwürde Germaniýada 194 müň 349, Italiýada 142 müň 998, Fransiýada 132 müň 637 we Ispaniýada 58 müň 279 ulag müşderilere ýetirilipdir. Şeýle hem Ýewropa Bileleşiginde täze awtoulagyny hasaba aldyranlaryň sany hem azalypdyr. Ýylyň ilkinji iki aýynda jemi 1 million 498 müň 116 ulag hasaba alnypdyr. Bu görkezijiniň geçen ýylyň degişli döwründäkiden 21,7 göterim pes bolandygy mälim edildi. Geçen aý sebit ýurtlarynda 199 müň 128 ulag satan «Volkswagen» topary bu ugurda öňdeligi eýeläpdir. «Peugeot», «Fiat», «Citroen» we «Opel» brendlerine eýeçilik edýän «Stellantis» topary jemi 188 müň 491 ulag satyp, ikinji ýeri eýeläpdir. «Renault» toparynyň satuwy 72 müň 132 bolupdyr.

**Güljemal ANNASEIDOWA,**
*Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 42-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## «Microsoft» söhbetdeşlik programmasyny alar

«Microsoft Corp» korporasiýasynyň ýazgyly we sesli aragatnaşyk programmasy bolan «Discord Inc»-i 10 milliard dollara satyn almak üçin gepleşik geçirýändigi mälim edildi. «Discord»-yň bazar nyrhynyň geçen ýylyň ahyryndaky hasabat boýunça 7 milliard dollara ýetendigi habar berlipdi. Programma üpjünçiligi bilen meşgullanýan «Microsoft» soňky ýyllarda oýun bazaryna hem-de jemgyýetçilik platformalaryna maýa goýmagy maksat edinýär. 2002-nji ýylda «Microsoft» tarapyndan döredilen, onlaýn oýun oýnamaga mümkinçilik berýän «Xbox» platformasy geçen ýyl 7,5 milliard dollara bu ugurda iş alyp barýan «ZeniMax Media»-ny satyn alypdy. Bu şertnama sanly media pudagyndaky iň gymmat ylalaşyk bolupdy. Iri kompaniýa 2016-njy ýylda jemgyýetçilik aragatnaşyk hyzmatlaryny hödürleýän «LinkedIn»-i 26,2 milliard dollara satyn alypdy. Şeýle hem «Microsoft» golaýda jemgyýetçilik media platformasy «Pinterest Inc.»-i satyn almaga isleg bildiripdi. Bilermenler «Discord» kompaniýasynyň biržada paýnama hödürlemeginiň has girdejili boljakdygyna ünsi çekýärler.




**Muhammet GARAHANOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

### Bildiriş

Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynyň Köşi (2086) köçesiniň 10-njy jaýynyň 26-njy öýüne degişli bolan Öý kitabynyň, Tükelleýiş işiniň, Sowgat etmek şertnamasynyň, Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamanyň ýitirilendigi sebäpli, olary güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Mart aýynyň 26-sy, 2021
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-106186
Belgisi: 13/1423
Tiražy: 12701
Bahasy: 2,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçiligi has-da artdyrmak maksady bilen ýurdumyzyň her bir sebitinde iri ýyladyşhanalar toplumlary we beýleki önümçilik desgalary yzygiderli gurulýar.





# Merjen şäher Aşgabat – rowaçlygyň mekany

Ak şäherimiz Aşgabat şu ýyl 140 ýaşyny belleýär. Şäherimiz bu gün dünýäniň ähli-taraplaýyn ösen şäherleriniň arasynda mynasyp orun eýeleýär. Gözel paýtagtymyz bu günki gün ýurdumyzyň ýüregi hökmünde durmuş-ykdysady düzümleriň uly toplumyny özünde jemleýär.

Soňky ýyllarda ak mermerli paýtagtymyzda öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen täze, döwrebap medeni we durmuş maksatly binalar, mekdepler, çagalar baglary, sport toplumlary, dynç alyş we döredijilik merkezleri gurulýar.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen her ýylyň 25-nji maýy Aşgabat şäheriniň güni hökmünde yglan edildi. Şu ýylda naýbaşy seneleriň ikisiniň – mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň hem-de paýtagtymyzyň esaslandyrylmagynyň 140 ýyllygynyň bellenilmegi Watanymyzyň barha artýan abraýyny has-da belende galdyrar.

Milli Liderimiziň taýsyz tagallasy bilen binagärlik keşbi göreni haýrana goýýan ak şäherimiziň we ondaky gözel desgalaryň birnäçesiniň Ginnesiň rekordlar kitabyndan mynasyp orun almagyny beýik Garaşsyzlygymyzyň ajaýyp miwesi hökmünde belläp geçesimiz gelýär.



Şu ýerde paýtagtymyzyň bu abraýly kitapda orun alan käbir rekordlaryny hem ýatlap geçsek has ýerlikli bolar. Aşgabadyň täze döwrebap Olimpiýa stadionynyň münberini bezeýän ahalteke bedewiniň çeper keşbi atyň dünýäde iň uly nyşany hökmünde 2017-nji ýylyň awgust aýynda Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi.

Bu taryhy waka tutuş dünýäde dal bedewlerimiziň sarpasynyň belentdiginden aýdyň nyşan boldy. 2008-nji ýylyň 29-njy iýunynda Döwlet muzeýiniň öňündäki meýdançada gurlan Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň belent sütüni «Dünýäniň iň beýik flagştogy» diýlip Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. 2016-njy ýylyň 17-nji sentýabrynda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Aşgabatda Halkara howa menziliniň açylyş dabarasy boldy. Häzirki zaman howa menziliniň ýolagçy terminalynyň esasy binasynyň ýokarsyna 705 inedördül metr haly gölüniň şekillendirilmegi netijesinde, «Iň uly göl» diýlip atlandyrylan binagärlik aýratynlygy üçin Aşgabadyň Halkara howa menzili Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girdi. 2011-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda ulanylmaga berlen, beýikligi 211 metre barabar bolan minara – «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkezi «Dünýäniň arhitektura tehniki usulda şekillendirilen iň uly ýyldyzy» diýen at bilen dünýä rekordlarynyň sanawyna goşuldy. Paýtagtymyz Aşgabat dünýäde ak mermere beslenen şäher hökmünde, ýagny 22 inedördül kilometr meýdanda ak mermer bilen örtülen we umumy meýdany 4,5 million inedördül metre barabar bolan täze binalaryň 543-siniň ýerleşýändigi, her 4,87 inedördül metre mermeriň 1 inedördül metriniň düşýändigi sebäpli 2013-nji ýylyň maý aýynda Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. 2012-nji ýylyň 18-nji maýynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda ulanylmaga berlen «Älem» medeni-dynç alyş merkezi hem Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. Bu binanyň umumy beýikligi 95 metre deň bolup, ol ýapyk görnüşli synlamak üçin niýetlenen, daşky aýlawy 57 metre ýetýän häzirki güne çenli dünýäde iň uly hiňňildikdir.

2017-nji ýylda dünýäniň iň soňky gazanan tehnologiýalary bilen üpjün edilen, ähli amatlyklary bolan Olimpiýa suw sport toplumy ekologiýa taýdan arassa materiallary bilen tapawutlanyp, Sportuň suw görnüşleri merkezi dünýäde iň uly üsti ýapyk suwda ýüzüş suw howzy hökmünde Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi.

Ine, şunuň ýaly ýene-de köp sanly binagärlik babatda haýrana goýýan ymaratlar Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Bu hem milli Liderimiziň paýtagtymyzyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine uly ähmiýet berýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Milli Liderimiziň döredijilik ylhamynyň nyşanyna öwrülen paýtagtymyz Aşgabat Aziýanyň «merjeni» bolmak bilen, aşyklaryň we arzuwlaryň amala aşýan şäheridigini, onuň goýnunda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe gurlan täsin binalaryň hem-de köp sanly beýleki ajaýyplyklaryň ýene-de bir dünýä rekordyny goýjakdygyny ynamly aýtmak bolar.

**Yslamberdi TYLLANUROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Akyldar şahyrymyzyň *belent sarpasy*

Mälim bolşy ýaly, 2024-nji ýylda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy giňden bellenilip geçiler. Türkmen halkynyň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijiligi XX asyryň birinji ýarymdan başlap, onlarça görnükli edebiýatçy, taryhçy, jemgyýeti öwreniji we beýleki alymlar tarapyndan öwrenilip, ol dogrusynda ençeme ylmy-barlag işler amala aşyryldy. Magtymgulynyň şygryýeti babatda aýdanymyzda, ol giden bir umman bolup, ony dünýä jemgyýetçiligine ýetirmek ugrunda giňden tagalla edilýär. Şonuň üçin akyldar şahyrymyzyň ýubileý ýylyna çenli «Magtymguly Pyragynyň ensiklopediýasynyň» döredilmeginiň hem-de sanly we neşir görnüşindäki «Magtymguly Pyragy diwanynyň» taýýarlanmagynyň çuňňur manysy bardyr.

Häzirki wagta çenli Magtymgulynyň şygyrlary birnäçe daşary ýurt dillerine terjime edilip, dünýäniň dürli döwletlerinde onuň tanyşdyryş dabarasy geçirildi. Türkmen şahyrynyň çuňňur pähim-parasata ýugrulan şahyrana ussatlygy we ylahy zehini tutuş dünýä jemgyýetçiligini özüne bendi edýär. Onuň şeýledigine tele we radio ýaýlymlardaky köp sanly çykyşlar, gazet-žurnallardaky seslenmeler hem şaýatlyk edýär. Hakykatdan-da, milli şahyrymyzyň goşgularyndaky şahyrana setirleri watançylyga, doganlyk-dostluga, ynsanperwerlige çagyryp, şol ýörelgeler häzirki wagtda milli Liderimiziň taýsyz tagallalary bilen dünýä jemgyýetçiliginde üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýar. Parahatçylyk we dost-doganlyk ýörelgeleri milli Liderimiziň halkara başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 2021-nji ýylyň ýer ýüzünde «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak



ýyly» diýlip yglan edilmegi bilen hem berk baglanyşyklydyr.

Magtymgulynyň döredijiliginiň özeni türkmeniň gadymy hem baý halk döredijiligidir. Halkyň dünýä hakyndaky oýlanmalary, dünýä düşünmeleri ähli çuňlugy we danalygy bilen şahyryň döredijiligine siňipdir. Ol öz ykbalyny bagyş eden işinde günbe-günden kämilleşip, öz döwrüniň ussat şahyry hökmünde halkyň söýgüsini gazanypdyr. Magtymguly Pyragynyň agzybirlikde ýaşamak, Watany ak ýürekden söýmek baradaky arzuwlary Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýar. Magtymgulynyň eserleriniň dünýä dillerine terjime edilmegi hem-de onuň tanyşdyryş dabaralarynyň dowam etdirilmegi, bu dogrusynda döredijilik duşuşyklaryň guralmagy, diňe bir türkmeniň beýik oglunyň parasatlaryny dünýä ýaýmak jähtden gymmatly bolman, eýsem-de, türkmen halkynyň milli aýratynlyklaryna halkara jemgyýetçiliginiň içgin düşünmegi babatdan-da örän ähmiýetlidir. Ýeri gelende aýtsak, Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň ýygyndysy dünýäniň köp dillerine, şol sanda türk, rus, iňlis, azerbaýjan, arap, ermeni, belarus, gazak, özbek, täjik, gruzin, ukrain, hytaý, ýapon, rumyn we beýleki dillere terjime edildi.

Milli Liderimiziň baştutanlygynda döwletimizde Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk toýuna görülýän taýýarlyk işleriniň giň gerimde ýaýbaňlanyp başlanmagy, ilkinji nobatda, ylmy jemgyýetçiligi, bilim we medeniýet işgärlerini ýadawsyz zähmet çekmäge iterýär. Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk toýuna görülýän taýýarlyklar milli Liderimiziň halkymyzyň baý edebi mirasyny çuňňur öwrenmäge, ony bütin dünýäde wagyz etmäge döredýän şertleriniň aýdyň mysalydyr. Milli mirasymyzy hem-de baý şygryýet dünýämizi giňden wagyz etmäge uly mümkinçilikler döredýän milli Liderimiziň il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaç bolsun!

**Jeren ŞAGULYÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy.*

# Garaşsyzlyk bagt getirdi ilime

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda eziz Diýarymyz ruhubelentligiň, bagtyýarlygyň, agzybirligiň, asudalygyň, jebisligiň, sagdynlygyň ýurduna öwrüldi. Şu ýyl ýurdumyz özüniň mukaddes Garaşsyzlygynyň 30 ýyllyk şanly toýuny toýlamaga taýýarlanýar.

Garaşsyzlyk halkymyzyň milli buýsanjydyr. Berkarar döwletimiziň mizemezliginiň, il-günümiziň agzybirliginiň we abadançylygynyň binýadydyr. «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip atlandyrylan bu ýyl hem şanly wakalara baý bolar. Milli Liderimiz 12-nji fewralda Hökümetiň 2020-nji ýylda ýerine ýetirilen işleriň jemine bagyşlanyp geçirilen giňişleýin mejlisinde ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy, baky Bitaraplygynyň 25 ýyllygy, şeýle hem 2021-nji ýylyň «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilmegi mynasybetli döwletimiziň çäginde hem-de daşary ýurtlarda geçirilmegi meýilleşdirilýän çäreleriň Maksatnamasyna gol çekdi.

Bu Maksatnamanyň çäklerinde üstümizdäki ýylda paýtagtymyz Aşgabatda köp sanly ýokary derejedäki duşuşyklar meýilleşdirilýär. Olaryň hatarynda Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň nobatdaky, XV Sammitini, Hazarýaka döwletleriň Baştutanlarynyň VI Sammitini, Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň we Türkiýe Respublikasynyň Prezidentleriniň üçtaraplaýyn duşuşygyny belläp geçmek bolar. Şeýle hem halkara söwda boýunça işewürleriň kongresi,



«Sanly çözgüt – 2021» atly innowasion taslamalaryň bäsleşigi, Aşgabat şäheriniň esaslandyrylmagynyň 140 ýyllygy mynasybetli dizaýnerleriň binagärlik bäsleşigi, ulag ulgamyna, nebitgaz pudagyna maýa goýumlary çekmek, Hazar deňzi we Aralýaka sebiti, azyk howpsuzlygy boýunça halkara forumlardyr duşuşyklar ýaly ykdysady we ekologiýa ugry boýunça köp sanly çäreleriň geçirilmegi meýilleşdirilýär.

Şeýle hem mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk toýunyň baýram edilýän ýylynda türkmen halkynyň milli bunýsançlary hasaplanýan gamyşgulak ahalteke bedewlerimiziň hem-de mertligiň we merdanalygyň nusgasy bolan alabaý itimiziň şanly baýramçylyklary ilkinji gezek bilelikde toýlanar.

Ýurdumyzyň şanly Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy, şeýle hem 2021-nji ýylyň «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilmegi mynasybetli köp sanly binalaryň hem açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutuldy. Olaryň ilkinjileri 25-nji martda toý lybasyna beslendi. Ýurdumyzyň dürli künjeginde gurlan döwrebap ýyladyşhanalar ulanmaga berildi. Ýurdumyzyň her bir sebitinde iri ýyladyşhana toplumlarynyň yzygiderli ulanmaga berilmegi daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri ýola goýmaga, obasenagat toplumynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmaga, azyk bolçulygyny üpjün etmäge uly ähmiýet berilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Umuman, ýurdumyz şu ýyl şanly Garaşsyzlyk baýramymyzy uludan tutýar. Gahryman Arkadagymyzyň: «Garaşsyzlyk Türkmenistan Watanymyzyň, merdana halkymyzyň adyny dünýä tanatdy, şöhratymyzy, mertebämizi äleme ýaýdy» diýip, belleýşi ýaly, «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda hem ýurdumyzyň özüniň Garaşsyzlyk ýoly bilen gazanan täze üstünlikleri bilen dünýä jemgyýetçiligini haýrana goýar. Watanymyzyň şanly Garaşsyzlygyny halkara derejesinde täze mertebä göteren Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli beýik işleri mydama rowaçlyklara beslensin!

**Ybraýym GURBANOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Ýol gurluşygy fakultetiniň dekanynyň w.w.ý.ý.*

# Ýurduň ykdysady ösüşinde banklaryň ähmiýeti

Türkmenistan döwletimiziň gülläp ösýän döwründe hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ykdysadyýetimiziň ähli ugurlary boýunça uly işler alnyp barylýar. Bulardan biri hem Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistany mundan durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek üçin kesgitlenen netijeli bank ulgamynyň ösdürilmegidir. Häzirki wagtda dünýä ykdysadyýetiniň globallaşýan we dürli ykdysady hadysalary başdan geçirýän döwründe ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň netijeliligini we bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Bu wezipäni ýerine ýetirmekde bolsa bank ulgamynyň ähmiýeti ulydyr.

Bank ulgamynda alnyp barylýan işler ykdysadyýetiň ösüşine, önümçiligiň netijeli alnyp barylmagyna, dolanyşyk we sarp edişe öz oňyn täsirini ýetirýär. Banklar býujet, salgyt, nyrhlary emele getirmek, girdejiler syýasatyny alyp barmak we daşary ykdysady gatnaşyklary gurnamakda hem kadalaşdyryjy häsiýeti bardyr. Şonuň üçin hem ýurduň ykdysady ösüşinde bank ulgamynyň kämilleşdirilmegi we ulgamyň netijeli işleýişi ähmiýetli işleriň biridir. Häzirki wagtda banklar öz hyzmatlaryny has-da giňeltmek bilen müşderilerine dürli görnüşli hyzmatlary hödürleýärler.

Ýurdumyzda bank hyzmatlarynyň döwrebap görnüşleriniň ençemesi ornaşdyrylýar. Sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal» ulgamlary arkaly amallaryň ýerine ýetirilmegi, internetiň giň mümkinçilikleriniň hödürlenilmegi halkyň artýan isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilendir. Bank kartlarynyň üsti bilen töleg terminallary, şeýle hem «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» hyzmatlary arkaly ýerine ýetirilýän nagt däl tölegleriň gerimini giňeltmek, hilini has-da ýokarlandyrmak boýunça amala aşyrylýan işlere mysal hökmünde jemgyýetçilik awtobuslarynyň petekleri üçin tölegleri, poçta, söwda we jemgyýetçilik iýmiti, aragatnaşyk, ýaşaýyş jaý, jemagat hyzmatlarynyň, saglygy goraýyş edaralarynyň hyzmatlarynyň, awtoulag ýangyjy, tebigy gaz, elektrik togy, agyz suwy üçin tölegleri, karzyň esasy bergisini we oňa hasaplanan göterimlerini tölemek we beýlekileri görkezmek bolar.



Soňky ýyllarda ýurdumyzyň degişli karz edaralary tarapyndan «Türkmendemirýollary», «Türkmenawtoulaglary» hem-de «Türkmenhowaýollary» agentlikleri bilen bilelikde bank kartlary arkaly ýol peteklerini internet ulgamynyň üsti bilen nagt däl görnüşde satyn almak mümkinçiligi döredildi.

Mundan başga-da ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan döwrebap «Cash-back» bank hyzmaty hem ýerine ýetirilýär. «Cash-back» bank hyzmaty bank amallarynyň hilini kämilleşdirmäge, halka edilýän bank hyzmatlarynyň göwrümini has-da giňeltmäge, karz edaralary tarapyndan müşderileri banka çekmäge giň mümkinçilik berýär. Banklar tarapyndan bank kartlary arkaly tölegler amala aşyrylanda kartyň eýesine berilýän göterimiň möçberini banklar özleriniň alyp barýan göterim syýasatyna laýyklykda ýerine ýetirýärler.

Sanly bank hyzmatlarynyň sanynyň artdyrylmagy we ilatyň bu hyzmatlardan peýdalanylmagyna işjeň gatnaşmagy kart eýeleriniň wagtyny we maliýe serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik bermek bilen, milli ykdysadyýetimiziň sazlaşykly işine hem oňaýly goşant goşar.

**Gadam TÄÇMUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň uly mugallymy.*

# Sanly bilim ulgamy – *ösüşleriň kepili*

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyz ösüşlere tarap badalga aldy. Munuň şeýledigini halk hojalygynyň dürli ugurlarynda gazanylýan ösüşlerdenem görmek bolýar. Elbetde, dünýä bilen aýakdaş gitmek üçin ykdysadyýetiň, bilimiň, ylmyň, halk hojalygynyň dürli ugurlarynyň döwrebap gurnalmagy zerurdyr.

Ähli ösüşleriň gözbaşynda bilimiň durýandygyny hemişe belleýän hormatly Prezidentimiziň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny» we bu Konsepsiýany durmuşa geçirmegiň meýilnamasyny tassyklamagy bu ugurda aýdylanlaryň logiki dowamy boldy.

Sanly bilim ulgamyny durmuşa geçirmegiň birinji tapgyrynda meýilleşdirilen çäreler boýunça ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde hünärmenler, professor-mugallymlar, şeýle-de ýaşlar tarapyndan sanly bilim ulgamynyň tor programma üpjünçiligi, onuň binýadynda sanly bilim portallary işlenilip taýýarlanyldy. Sanly bilim portaly elektron poçta, elektron resminama, uzak aralykdan ylym-bilim almak, ylmy işler, okatmagyň elektron serişdesi, bäsleşikler, olimpiadalar, maslahatlar, forumlar, okuw kitaplary, okuw gollanmalary, sözlükler ýaly bölümleri özünde jemleýär.

Bulardan başga-da bilim edaralarynda sanly tehnologiýalaryň, ýokary tizlikli internet ulgamynyň giňden ornaşdyrylmagy netijesinde, ýurdumyzyň ýokary hem-de orta hünär okuw mekdepleriniň arasynda, şol sanda bilim babatda hyzmatdaşlyk edilýän daşary ýurtlaryň ýoka-



ry okuw mekdepleri, ylym-bilim merkezleri bilen uzak aralykdan sapaklar, wideoşekilli maslahatlar yzygiderli guralýar. Ähli bilim edaralarynda sanly bilim tehnologiýalaryny ornaşdyrmak bilen dersler boýunça döwrebap elektron okuw-usuly toplumlar, elektron okuw kitaplary, okuw gollanmalary, wideo-audio materiallar, interaktiw-multimediýa programmalary, okuw-görkezme esbaplary, maglumat kitapçalary döredilýär.

Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynda hem hormatly Prezidentimiziň sanly bilim ulgamyny durmuşa ornaşdyrmak barada aýdanlaryndan ugur alnyp durmuşa geçirilýän işler diýseň köp. Bu babatda ýokary okuw mekdebiniň kitaphanalarynda döredilen elektron kitaphanalary agzap geçmek bolar. Olaryň üsti bilen talyplar öz hünärlerine degişli kitaplar, terjimeler, mugallymlaryň ýazan gollanmalarynyň ählisi bilen tanyşmaga mümkinçilik alýarlar. Bu ýokary okuw mekdebinde her bir derse degişli okuw-usulyýet toplumy taýýarlanyldy. Talyplar kompýuteriň üsti bilen şol derse degişli maksatnama-meýilnamadan başlap, umumy sapaklar, mugallymyň wideogörnüşli sapagyna çenli ähli zady görüp bilýärler. Şeýle hem häzirki günde institutda wideokonferensiýa görnüşli sapaklary geçmek tejribesi hem giňden ulanylýar. Bu bolsa mugallymlaryň geçýän sapaklaryna has köp talyplaryň gatnaşyp bilmeklerine, olaryň öz bilimini has-da çuňlaşdyrmaklaryna uly ýardam edýär.

Hormatly Prezidentimiziň döwletli Diýarymyzy has-da ösdürmek maksadyndan ugur alýan şeýle başlangyçlarynyň ýakyn geljekde öz miwesini berjekdigi şübhesizdir. Bize bolsa Gahryman Arkadagymyzyň şeýle belent tutumlaryna öz goşandymyzy goşup, yhlas bilen zähmet çekäýmek galýar.

**Gülbahar GURBANOWA,**
*TGM-niň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň uly mugallymy.*

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

**Hünärmenler ýakyn aýlarda garaşylýanyndan has ygtybarly global ykdysady ösüşi çaklaýarlar. Soňky hasap boýunça 2021-nji ýylda global jemi içerki önüm 4,7 göterim öser.**

## Bellenen sepgide ýetildi

Germaniýanyň daşky gurşaw boýunça edarasynyň taýýarlan maglumatynda ýurduň 2020-nji ýylyň ahyrynda ýyladyşhana gazyny 1990-njy ýyldaky görkezijiden 40,8 göterim azaldandygy bellenilýär. Taýýarlanan hasabatda energiýanyň arassa çeşmelerden üpjün edilmegi hem-de geçen ýyl ýüze çykan çylşyrymly ýagdaýyň bu maksatnamada bellenen sepgide ýetilmegine goşant goşandygy aýdylýar. Ýurduň daşky gurşaw ministri Swenýa Şulz hem-de Federal Daşky gurşaw edarasynyň wekilleri taýýarlanan hasabat barada köpçülige maglumat berdi. Hasabatda 2020-nji ýylda ýyladyşhana gazynyň howa goýberilişi 1990-njy ýyldakydan 40,8 göterim, 2019-njy ýyldakydan 8,7 göterim azalypdyr. Maglumatda bellenilişine görä, geçen ýyl ýurtda 739 million tonna ýyladyşhana gazy çykypdyr. Bu görkezijiniň ozalky ýyldakydan 70 million tonna azdygy mälim edildi. Zyýanly gazlaryň pese gaçmagynyň sebäpleri hökmünde zawod-fabrikleriň işlerini togtatmagy, ulag we uçar gatnawynyň azalmagy görkezildi. Federal Daşky gurşaw edarasynyň müdiri Dirk Messner pandemiýa sebäpli çäklendirmeler ýüze çykmadyk hem bolsa, göz öňünde tutulan maksada ýetiljekdigine, emma pandemiýanyň hem täsiriniň uly bolandygyna ünsi çekdi.

Daşky gurşaw ministri Şulz Germaniýada 2019-njy ýylda kabul edilen daşky gurşawy goramak boýunça kanunyň bu ösüşde täsiriniň uly bolandygyny aýtdy. Agzalýan ka-





nunyň çäklerinde daşky gurşawy goramak babatdaky halkara borçnamalaryň ýerine ýetirilişine garaşsyz bilermenlerden emele gelen geňeş döredildi. Bu geňeş her ýylda maksatnamada göz öňünde tutulan sepgitlere näderejede ýetilendigine baha berýär. Kanunda Gatnaw, Energiýa, Gurluşyk, Oba hojalyk we Senagat ministrliklerinde bellenen sepgide ýetilmegi göz öňünde tutulýar.

Germaniýanyň 2020-nji ýyl üçin bellenen sepgide ýetmeginiň arkaýynlaşmak üçin sebäp däldigine ünsi çeken ministr ýurduň bu ugurda gazanýan üstünlikleriniň Ýewropa Bileleşiginiň daşky gurşaw babatdaky maksatlaryny has-da ýokarlandyrmaga ýardam etjekdigini aýtdy. Şulz nemes hökümetiniň ýel we Gün energiýasynyň ýaýbaňlandyrylmagy üçin taýýarlan maksatnamasynyň geljek on ýylda iki esse artdyrylmalydygyny belledi. Şulz 2030-njy ýyla çenli ýyladyşhana gazynyň howa goýberilişiniň 1990-njy ýyldaky bilen deňeşdirilende 55 göterim azaldylmagynyň göz öňünde tutulýandygyny habar berdi.

Ýeri gelende aýtsak, 2015-nji ýylda Parižde daşky gurşawa bagyşlanyp geçirilen halkara sammitde dünýä ýurtlary üçin täze sepgitler bellenilipdi. Daşky gurşawy goramakda, esasan, kömürturşy gazynyň howa goýberilişiniň azaldylmagy, arassa energiýa çeşmeleriniň ýaýbaňlandyrylmagy we ýaşyl zolaklaryň köpeldilmegi göz öňünde tutulýar.

## Innowasiýa maýa goýar

**Ýewropa Komissiýasy 2027-nji ýyla çenli innowasiýa ösüş pudagynda ylmy we barlag işlerine 10 milliard ýewro maýa goýmagy maksat edinýär. Bu barada Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen Ýewropa innowasiýa geňeşiniň (EIC) açylyşynda:**

**– Ýewropa innowasiýa geňeşiniň çäklerinde 2027-nji ýyla çenli ýokary mümkinçiligi bolan kiçi we orta kompaniýalary maliýeleşdirmek maksady bilen 10 milliard ýewro bölüp berýäris. Geljegiň tehnologiýalary barada pikirleri bolan innowasiýa boýunça iş alyp barýan hünärmenlere goldaw bereris – diýip belledi.**

**Onuň sözlerine görä, şu ýylyň dowamynda maksatnamanyň çäginde kiçi we orta kärhanalary we başlangyç kärhanalary goldamak üçin 1,5 milliard ýewro bölüp bermek meýilleşdirilýär. Bu serişdeleriň azyndan ýarysy Ýewropa Bileleşiginiň Ýaşyl şertnamasynyň çäklerindäki taslamalara, şol sanda, sanly tehnologiýalary we saglygy goraýyş pudagy boýunça innowasiýalary ösdürmäge gönükdiriler.**

**– 14 ýyl ozal iň gowy ylmy tejribä esaslanýan öňdebaryjy barlaglary goldamak üçin Ýewropa barlag geňeşini döretdik. Häzirki wagtda biziň esaslandyrýan Ýewropa innowasiýa geňeşimiz öňdebaryjy tehnologiýalaryň we innowasiýalaryň ösmegine goldaw bermekde güýçli hyzmatdaş bolar. Ýewropa barlag geňeşiniň işe girizilmegi bilen Ýewropanyň barlag we innowasiýa gurşawy emele geler. Men Ýewropany innowasiýa üçin açyk diýip yglan edýärin**



**- diýip, Ursula fon der Lýaýen aýtdy.**

**Habar berlişi ýaly, 2020-nji ýylyň dekabrynda Ýewropa Bileleşigi pandemiýa bilen baglanyşykly emele gelen ýagdaýa maliýe jogap bukjasyny tassyklady. Ýewropa Komissiýasynyň meýilnamalaryna laýyklykda, Ýaşyl ylalaşygyň we sanly üýtgeşmeleriň çäginde innowasion tehnologiki ösüş arkaly emele gelen ýagdaýdan has güýçli we bäsdeşlige ukyply ýagdaýda baş alyp çykmak meýilleşdirilýär.**

## Ýokary tizlikli otly ýoly gurulýar

Soňky ýyllarda demir ýol ulgamyny barha kämilleşdirýän Hytaýda ýokary tizlikli täze ýollaryň gurluşygy dowam etdirilýär. Ýurduň döwlet demir ýol kompaniýasynyň ýokary derejeli wekili Lu Dongfu uzynlygy 435 kilometre barabar bolan täze ýoluň gurulýandygyny mälim etdi. Ýurduň Tibet awtonom sebitindäki Ningçi hem-de Syçuan şäherleriniň arasynda gurulýan demir ýol şahasynda ulanyljak otlular elektrik energiýasy hem-de adaty ýangyç bilen hereket eder. Gurluşygyna 2014-nji ýylda başlanan demir ýol şu ýylyň iýun aýynda ulanmaga berler. Ýolagçy otlulary sagatda ortaça 160 km tizlik bilen hereket eder. Hytaý 2025-nji ýyla çenli ýurtdaky ýokary tizlikli otly ýollarynyň uzynlygyny 50 müň kilometre ýetirmegi göz öňünde tutýar. Lu Dongfu geçen ýylyň ahyrynda bu görkezijiniň 37 müň 900 kilometre ýetendigini mälim etdi. Ýurtda hytaýly inženerler tarapyndan işlenip düzülen «Fuxing» atly demir ýol ulaglary ulanylýar. Bu otlular 160-350 km/sagat aralygynda hereket edýär. Hytaý günorta-gündogar ýurtlary bilen hem demir ýollaryny gur-



magy maksat edinýär. Geljekde Trans-Gimalaý köpugurly ýol taslamasy durmuşa geçiriler. Bu taslamanyň çäklerinde guruljak ýol Nepal bilen Hytaý Tibet awtonom sebitini birikdirer.

## Dünýä ykdysadyýeti öser

2021-nji ýylda dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi geçen ýyl bilen deňeşdirilende, 4,7 göterim ösüş gazanar. Bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş konferensiýasynyň (UNCTAD) Ženewada çap eden hasabatynda mälim edilýär. Resminamanyň awtorlary bu görkezijiniň sentýabr aýynda mälim edilen 4,3 göterim çaklamadan has ýokarydygyny aýdýarlar. Olaryň pikiriçe, bu ýagdaý waksina ulanylyşynda öňegidişlik gazanan we ýakynda 1,9 trillion dollarlyk ykdysady bukja yglan eden ABŞ-nyň alyp barýan ýokary depginli ykdysady dikeldiş işleri bilen baglanyşyklydyr.



## Ýurduň ilkinji zenan Prezidenti

Wise-prezident bolup işlän Samia Hassan Suluhu, döwlet Baştutany Jon Magufuli aradan çykandan soň Tanzaniýanyň altynjy Prezidenti wezipesine girişdi. Bu barada Tanzaniýanyň «The Citizen» gazeti habar berýär. Dabara Tanzaniýanyň iň uly şäheri Dar-es-Salamda Prezident kabulhanasynda geçirildi. Samia Suluhu ýurduň taryhynda döwlet Baştutany wezipesine girişen ilkinji zenan boldy.

Tanzaniýanyň bäşinji Prezidenti Jon Magufuli 17-nji martda Dar-es-Salamda ýürek ýetmezçiligi sebäpli 62 ýaşynda aradan çykdy. Tanzaniýanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, döwlet Baştutany wezipesine girişen 61 ýaşly Samia Suluhu mandatyň ähli möhleti gutarýança – 2025-nji ýylyň ahyryna çenli bu wezipäni dowam etdirip biler.



Samia Hassan Suluhu Zanzibar adasynda doguldy we syýasy karýerasyna 2000-nji ýylda ýerli Parlamente saýlanandan soň başlady. 2015-nji ýylda Jon Magufuli Tanzaniýadaky şol wagtky geçirilen Prezident saýlawlarynda ony wise-prezident hökmünde saýlady.

## DÜNÝÄ HABARLARY

**gysga setirlerde**

► **Energiýa kanunçylygyna sereder.** Tomsa çenli Ýewropa Komissiýasy täze howa maksatlaryna uýgunlaşdyrmak maksady bilen Ýewropa Bileleşiginiň ähli energiýa kanunlaryna täzeden sereder. Bu barada Ýewropa Bileleşiginiň başlygy Ursula fon der Lýaýen mälim etdi. Bu maksatlaryň biri, 1990-njy ýyl bilen deňeşdirilende, 2030-njy ýyla çenli zyýanly gazlary 55 göterime çenli azaltmakdan we asyryň ortalaryna çenli Ýewropa Bileleşiginde uglerod zyňyndylarynyň 0 derejesini gazanmakdan ybarat bolup durýar.



► **Parlament saýlawlary geçiriler.** Alžiriň Prezidenti Abdelmajid Tebbun 12-nji iýunda parlament saýlawlaryny geçirmek kararyna gol çekdi. Bu barada ýurduň Prezident diwanynyň beýanatynda mälim edilýär. A. Tebbun saýlawlary kepillendirýän täze kanuna gol çekdi. Prezident Milli halk Assambleýasynyň /Mejlisiň aşaky palatasy/ ýatyrylyp, üç aýyň içinde möhletinden öň saýlawlaryň geçiriljekdigini habar berdi. Öňde boljak parlament saýlawlary A.Tebbun 2019-njy ýylda saýlanaly bäri amala aşyrylan üçünji syýasy çäredir.



► **Ýewropa agajy saýlandy.** Ispaniýanyň Ueska welaýatynyň Lesina obasyndaky müň ýaşly dub 2021-nji ýylda Ýewropa agajy hökmünde saýlandy. Bäsleşikde ýeňiji bolan dub jemi 104,264 ses aldy. Ikinji ýer 78,210 ses bilen Italiýada ösüp oturan çynar agajyna, üçünji ýeri bolsa 66,026 ses bilen gadymy dagystan çynar agajyna (Russiýa) berildi. Ispan dubynyň beýikligi 16 metr, diametri 7 metr, kölegesiniň meýdany bolsa 615 inedördül metrdir. Ýeňijiler bu bäsleşigi 10 ýyl bäri alyp barýan Daşky gurşaw hyzmatdaşlygy birleşigi tarapyndan wirtual dabarada yglan edildi.



► **Baýkalda rekord goýdy.** Bu 14 gezek dünýä çempionynyň 20-nji rekordydyr. Meşhur rus guwwasy Alekseý Molçanow buzuň aşagynda suwa çümmek boýunça Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi. Baýkal kölündäki Zmeina aýlagynda Molçanow monolast bilen 80 metr çuňluga çümüp, awstraliýaly Ant Williamsyň rekordyny täzeledi. Bu rekord Halkara suwa çümmek assosiasiýasynyň eminleri tarapyndan bellige alyndy. 34 ýaşly Molçanow ýyly suwa çümmek boýunça hem rekordyň eýesi bolup, 2018-nji ýylda Bagamada 130 metr çuňluga çümdi.



# OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

**Dünýädäki iň uly we iň beýik suw çüwdürimi 275 metre çenli suw pürkýär. Bu, takmynan, 50 gatly binanyň beýikligine deňdir.**

## Täsinlikde saýlanan çüwdürimler

**Dünýäniň dürli ýerlerinde tylla gümmezli, taryhy ýadygärliklerdir özboluşly yşyklar bilen bezelen biri-birinden täsin desgalar bar. Uly ýollaryň çatrygynda, seýilgählerde, deňiz kenarynda ýerleşýän suw çüwdürimleri hem şäherlere aýratyn bezeg berýär. Bu makalamyzda ajaýyplygy, özüneçekijiligi bilen haýran galdyrýan çüwdürimler baradaky birnäçe maglumaty dykgatyňyza ýetirýäris.**



● **«Oguzhan» suw çüwdürimler toplumy:** halkymyzyň guran beýik-beýik, depesi göge ýetýän binalary pederlerimiziň binagärlik senediniň köküni gaty alyslardan alyp gaýdýandygyndan habar berýär. 2008-nji ýylyň 29-njy iýunynda Aşgabadyň Halkara howa menziline barýan şaýoluň çatrygynda nesilbaşymyz Oguz han we onuň ogullarynyň bürünç heýkelleri oturdylan suw çüwdürimler toplumy açyldy. Howa ýoly arkaly ýurdumyza gelýän daşary ýurtly myhmanlaryň ünsüni bada-bat özüne çekýän bu täsin toplum 2010-njy ýylda Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Toplum 27 sany kiçi çüwdürimden ybarat bolup, ol şanly Garaşsyzlygymyzyň gazanylan senesini aňladýar. Guşuçar belentlikden seredeniňde, toplumyň ýapraklary 12 tarapa ýaýraýan güle meňzäp, ol hemişelik Bitaraplygymyzyň senesini alamatlandyrýar. Binagärlik-heýkeltaraşlyk toplumynyň yşyklandyryş ulgamy Gün energiýasy bilen işleýär.

● **«Je Do» suw çüwdürimi:** bu suw çüwdürimi 1886-njy ýylda Şweýsariýa Konfederasiýasynyň 600 ýyllygy mynasybetli gurulýar. Ýurduň Ženewa şäherinde 1891-nji ýylda köpçüligiň görmegi üçin suw çüwdüriminde gaýtadan abatlaýyş işleri geçirildi. Ilkibaşda bu suw çüwdürimi 90 metre çenli ýokary pürkülýän eken. 2003-nji ýyldan bäri suw çüwdürimi, güýçli ýel we sowuk bolmadyk günlerde her gün işledilýär. Ženewa kölündäki çüwdürim, şäheriň möhüm ýadygärligi we dünýäniň iň uly çüwdürimleriniň biri bolup, häzirki wagtda onuň suwy 147 metre çenli ýokary pürkülýär. Bu ýerde sekuntda 500 litr suw akdyrylýar. Millionlarça howa köpürjikleri asmanda älemgoşary emele getirip, gezelenje gelen adamlary özüne maýyl edýär.

● **«Baýlyk» suw çüwdürimi:** täsin binagärlik eserleri bilen tapawutlanýan Singapuryň «Suntec» söwda toplumynyň çäginde ýerleşýän suw çüwdürimler toplumy halka görnüşli iň uly çüwdürim hasaplanýar. Günüň belli wagtynda işledilmeýän çüwdürim gijelerine lazer şöhleleri bilen bezelýär. Toplum her gün agşam sagat 8-den 9-a çenli janly ýerine ýetirilýän aýdym-sazlar bilen myhmanlary garşy alýar. 1995-nji ýylda gurlan çüwdürim 1998-nji ýylda öz ugry boýunça Ginnesiň rekordlar kitabyna adyny ýazdyrdy.

● **«Trewi» suw çüwdürimi:** Rimdäki iň uly çüwdürimiň uzynlygy 25,9 metre, ini 49,8 metre barabar. Çüwdürim 1732-1762-nji ýyllarda Nikolo Salwi tarapyndan Palazzo Poli binasyna ýanaşyk görnüşde gurlupdyr. Rimiň merkezi böleginde Kwirinal depesiniň günbatar eňňidinde ýerleşýän Trewi çüwdürimi owadanlygy we ýyllarboýy onlarça filmde görkezilendigi üçin dünýäde iň meşhur çüwdürimleriň biri hasaplanýar. Taryhy çüwdürimler toplumyny gorap saklamak üçin her ýylda 2,9 million dollara barabar pul sarp edilýär.

● **Burj Halifa çüwdürimi:** Dubaýyň merkezinde 12 gektardan gowrak meýdany eýeleýän, emeli kölde ýerleşýän suw çüwdürimini Kaliforniýanyň WET kompaniýasy işläp taýýarlady. Ol Las-Wegasdaky Bellagio myhmanhanasynyň öňündäki aýdym-sazly çüwdürime meňzeýär. Dünýädäki bu iň uly we iň beýik suw çüwdürimi 275 metre çenli suw pürkýär. Bu, takmynan, 50 gatly binanyň beýikligine deňdir. 25 reňkli 6600 çyra arkaly yşyklandyrylýan çüwdürimde dürli öwüşginli şöhleler arkaly aýdym-sazly çykyşlar guralýar.



## ÝÜREGE PEÝDALY IÝMITLER

***Gündelik iýmitlenişe üns bermek örän möhümdir. Sagdyn we deňagramly iýmitlenmek bilen köp keseliň ýüze çykmak ähtimallygyny azaldyp bilersiňiz. Ýürege we ýürek damarlaryna peýdaly iýmitler baradaky maglumatlary siziň üçin jemledik.***

● **Sarymsak.** Damar dykylmagynyň öňüni alýar, gan basyşyny we gan lipidlerini peseldýär.



● **Pomidor.** Pomidora gyzyl reňk berýän likopen ýürek keselleriniň döremek howpuny azaldýar we holesterini kadalaşdyrýar. Lukmanlaryň bellemegine görä, bişirilen pomidor has peýdalydyr.

● **Ysmanak.** Ysmanak gan basyşyny kadaly saklaýar, holesterini peseldýär we ýürek myşşasynyň yzygiderli işlemegini üpjün edýär.



● **Alma.** Alma, esasan, pektin düzümi bilen ýaramaz holesterini ýok etmek arkaly ýürek keselleriniň döremek howpuny azaldýar.

● **Zeýtun ýagy.** Ýürek-damar keselleriniň öňüni alýar we holesterini peseldýär. Zeýtun ýagyny günde 2-3 nahar çemçesinden köp kabul etmek zyýanlydyr.



● **Balyk.** Süýji we ýürek keseli bolan adamlara hepdede 2 gün balyk iýmek maslahat berilýär. Balyk ýürek urgusyny kadalaşdyrýar. Ýöne balygy gowurman, buglap iýmek peýdalydyr!

**Rozygül GUTLYÝEWA,** *Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Bagtyýarlyk etrap kitaphana şahamçasynyň müdiri.*



## Akwarium balyklarynyň idegi

Öý haýwanlaryna ideg etmek peýdaly işleriň biri hasaplanýar. Şeýle hem bu iş adamda jogapkärçilik duýgusyny terbiýeleýär. Balyklara ideg etmek bolsa bularyň iň rahatlandyryjysy bolsa gerek. Dürli reňkli owadan balyklaryň suwuň ýüzünde sazlaşykly ýüzýän hereketlerini synlamak, gör, nähili ýakymly. Beýleki öý haýwanlary ýaly balyklara ideg etmek hem ünsi we jogapkärçiligi talap edýär. Biziň üçin ýönekeý bolan sähelçe ýalňyşlyk olaryň näzik bedenine howp salyp biler. Balyklara dogry ideg etmegiň usullary barada birnäçe maglumaty size ýetirýäris:

● **Ideg etjek balyklaryňyzy ünsli saýlaň!**

Akwarium balyklarynyň birnäçesini sanap geçeliň: beta («Beta splendens»); ýapon balygy («Karassius Auratus») we sary şagyzy («Labidochromis Kaerulus»).

Soňra saýlap alan balygyňyza görä akwarium alyň! Soňra bolsa olar üçin iň amatly otagy saýlap almaly. Ýagtylygyň otagyň ähli ýerine deň ýaýramalydygyny unutmaň!

● **Iýmitiň mukdaryny dogry hasaplaň!**

Iýmitiň mukdary ideg edýän balyklaryňyza görä üýtgäp bilýär. Şonuň üçin hem haýsy wagtda, näçe mukdarda iýmit bermelidigi barada hasabat ýörediň! Her günde beriljek iýmitiň mukdary balyklaryň saglygy üçin örän ähmiýetlidir.

● **Suwuň hiline üns beriň!**

Akwariumdaky suwuň hili içilýän agyz suwunyň hilinden pes bolmaly däldir. Şeýle hem akwariumdaky suw, azyndan, hepdede bir gezek çalşylmalydyr.

● **Birahat etmäň!**

Akwariuma bir zatlar oklamak ýa-da eliňi salmak balyklary gorkuzyp hem-de birahat edip biler. Olaryň rahatlygyny bozmazlyga çalşyň!

**Maýa ÝAZMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**
**— Biz öz medeniýetimizi we sungatymyzy ösdürmäge goşant goşan adamlarymyza guwanmaga haklydyrys.**

## SUNGAT

# Ynsan kalbyna barýan ýollar

Artistlere başagaý wagty sorag berseň, olar öz içindäki pikirini dogry aýdýar. Bolmasa olar elmydama özgäň durmuşynda gezip, içini gepledip ýörendirler. Käbirleri dagy birdenkä «salam» diýäýseň, ilki durup, gözüň içine seredip, ondan soň «salam» diýýärler. Merdanam şo zeýilli artistlere degişli. Men ýazyp oturan makalamy soňlamak üçin onuň ýanyna baryp, «salam» diýenimde, grim otagynda gözlerini bir nokada dikip oturan artist ýigit birnäçe sekuntdan soň: «Wiý, salam, gel, gel, şu wagt täze sahnalaşdyrylýan spektakldaky keşbim bilen ähli zady unudypdyryn» diýip özüne geldi.

Kalbyňda besleýän arzuwyňa ýetmegi öňüňde maksat edinseň, ýetilmejek menzil ýokmuka diýýän. Ajaýyp çagalyk döwrüňde şeýle sorag berilýär: «Sen ulalaňda kim boljak?» Adatça, çagalar «Mugallym, lukman boljak ýa-da maşyn, otly, uçar sürjek» diýýärler. Obada önüp-ösendigine garamazdan, Merdan gönüden-göni «Men artist boljak» diýýär. Biziň gürrüňini etjek söhbetdeşimiz Baýramaly etrabynyň Şapak geňeşliginde doglan, Mary welaýatynyň Kemine adyndaky döwlet drama teatrynyň artisti Merdan Çaryýew.











Merdan ýaşlykdan teleýaýlymda goýberilýän «Aşyr aganyň hötjetligi», «Gorkak batyr», «Döwranyň başdan geçirenleri», «Aýgytly ädim», «Jadyly hünji hakynda rowaýat», «Magtymguly» , «Mukamyň syry», hatda sözsüz düşürilen köne «Umbar» ýaly türkmen kinofilmlerini ürç edip görýär. Ekranda kino, teatr sungatynyň düýbüni tutujylar Alty Garlyýew, Muhammet Çerkezow, Bazar Amanow, Aman Gulmämmedow, Baba Annanow, Artyk Jallyýew, Hommat Müllük, Ata Durdyýew ýaly ussat artistleri görüp, şolar ýaly artist bolmagy arzuw edýär.

«Biz kiçikäk bir sapar oba klubyna artistler çykyş etmäge geldiler. Şonda Türkmenistanyň halk artisti Akmyrat Hümmedow «Söýmedige süýkenme» spektaklynda Godalagyň keşbini janlandyrdy. Şeýle-de, Türkmenistanyň at gazanan artistleri Orazjemal Hojyýewa, Nurbibi Nazarowa dagynyň sahnada janlandyran keşpleri mende uly täsir galdyrdy we artist bolmaga höwesimi beýnimde beketdi. Şondan soň men mekdepde synplaryň arasynda geçirilýän ýaryşlarda, baýramçylyklarda, Gurbannazar Atakgaýewe, Juma Ýazmyradowa öýkünip, gysgajyk sahnalara goşulyp, çykyş edip başladym. Dogrusy, köpüň öňüne çykmak, onda-da deň-duş mekdep okuwçylarynyň, mugallymlaryň öňünde sahna oýnamak birbada aňsat düşmändi. Oturanlaryň gözlerine gözüm kaklyşdygy, aýtjak sözüm ýatdan çykyp, birbada tolgunyp, aljyran ýerlerim köp bolupdy. Şeýle-de bolsa meniň «Hökman artist bolmaly» diýip öňümde goýan ýüregimdäki maksada okgunlylygym güýç beripdi» diýip, Merdan gürrüň berýär.

Merdanyň maksat edinen çagalyk arzuwy bu gün hasyl boldy. 1997-nji ýylda oňa paýtagtymyzda ýerleşýän Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby bolmak nesip etdi. Merdan talyplyk döwri göz öňüne gelýän ýaly birsellem ýatlama baglandy-da, sözüni dowam etdi: «Men Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby boldum. Türkmenistanyň halk artisti Aman Gurbandurdyýew, Nurmuhammet Keşikow sahna ussatlygyndan, Aman Mämmedow sahna dilinden sapak berdiler. Okan döwrümde 1-nji ýylda diňe etýud, 2-nji ýylda A.P. Çehowyň «Söz aýdyş» eseri esasynda sahnalaşdyrylan sahna böleginde söz aýtmaga gelen Iwan Wasilýewiçiň keşbini ýerine ýetirdim. Bu eser komediýa žanryndady. 3-nji ýylda Aman Gurbandurdyýewiň «Görogly» dessanynyň «Gyratyň ogurlanyşy» şahasy esasynda goýan spektaklynda alypbaryjynyň we Göroglynyň ýigitleriniň biriniň keşbini ýerine ýetirdim. 4-nji ýylda Abdyreşit Taşowyň «Jahan sahysy» eseri esasynda sahnalaşdyrylan spektaklynda Elprun şanyň keşbini janlandyrdym. Bu biziň diplom işimiz bolany üçin, tomaşa etmäge dogan-garyndaşlarymyzy hem çagyrypdylar. Oňa ejem bilen doganym Ýagşy geldi. Spektakl başlady. Men hem sahnada grimli, penjekli. Şonda oýun görmäge gelip, zalda oturan ejem meni tanaman, oýun gutaryberende doganymdan: «Merdan sahna haçan çykýar» diýip sorapdyr. Doganym: «Ilkibada men hem tanamadym, şol Elprun şanyň keşbini ýerine ýetiren ogluň Merdan-da» diýipdir. Spektakl gaty gowy görüldi».

Merdan teatr ugrundan ýokary bilim aldy. Okuwy tapawutly tamamlap, uly höwes bilen Mary welaýatynyň Kemine adyndaky döwlet drama teatrynyň sahnasyna geldi. 2001-nji ýylda kömekçi artist wezipesine işe başlan Merdan şu ýyllaryň içinde özüne ynanylan çagalar üçin sahnalaşdyrylan eserlerden başlap, komediýa, drama eserlerinde hem ululy-kiçili keşpleriň onlarçasyny döredip, tomaşaçylaryň söýgüsini gazandy. Öz ýaşlygyna garamazdan, taryhy şahsyýetleriň keşplerini sahnada janlandyrdy. Ol A.Allakowyň «Gudratly çeşmesinde» Arçmanyň, A.Hojamyradowyň «Öwez öýlenen» spektaklynda Öweziň, «Zeýnelarapda» Hüseýiniň, M.Ömüriň «Seljuk Soltanynda» Mahmyt begiň, «Soltan Jelaletdinde» Jelaletdiniň, «Sargytda» Wepamyradyň, G.Muhtarowyň «Altyn balygynda» Tahyryň, A.Şakulyýewiň «Toba» eserinde Röwşeniň, «Mukaddes söýgüde» Penanyň, D.Oraýewiň «Leýli-Mežnunynda» Dawut Serdaryň, G.Daňatarowyň «Keminesinde» Ýanyk batyryň, E.Akmyradowanyň «Yşkyň ummanynda küreksiz» eserinde Mollanepesiň, «Mälik şada» Artyk begiň, N.Rejepowyň «Halal hazyna» eserinde Şaja çopanyň, Ç.Aýtmatowyň «Elwan ýaglykly serwim» eserinde Jantaýyň, G.Daňatarowyň «Söýgi bizi halas eder» eserinde Atagyň, G.Nazarowyň «Talyp söýgüsinde» Merediň, G.Daňatarowyň «Tekepbir gyz» spektaklynda Helebaý gödegiň, G.Kakabaýewiň «Gumly gelin» oýnunda Möjegiň, M.Akmämmedowyň «Ir gelen bahar» spektaklynda Pälwanyň, A.Wampilowyň «Myhmanhanada» oýnunda Komaýewiň, N.Rejepowyň «Aç möjek» eserinde möjegiň, N.Söýünowyň «Gülnarjan» eserinde çopanyň, A.Işangulyýewiň «Taýharjyk» eserinde alakanyň we başga-da birnäçe eserler esasynda goýlan spetakllarda ululy-kiçili keşpleri sahnada janlandyrdy. Merdan spektakllardan daşary baýramçylyklar üçin taýýarlanýan «Gülki agşamlarynda» hem gülküli sahnalary ýerine ýetirýär.

Merdandan: «Döredýän keşpleriňden lezzet alýarmyň?» diýip soranymda, ol: «Oýnaýan keşplerim bilen ynsan kalbyna aralaşyp bilsem, umuman, tomaşaçylaryň kalbyndaky hasratyna, begenjine, duýgusyna jogap tapyp bilsem, armanym ýok. Onuň üçin, iň bärkisi, biz artistleriň gözümizden akýan begençli ýa-da gynançly ýaşymyz ýalan bolmaly däldir. Ýalandan aglajak ýa-da güljek boldugyň, keşpdäki häsiýetiň ýoýuldygydyr. Keşp ýoýulsa-da artistiň, spektaklyň bahasy gaçýandyr. Biziň döredýän keşplerimiz oturan tomaşaçylara täsir etmeli. Şeýle-de, begenç duýgusy bilen, ýeňillik bilen öýlerine gaýtmaly. Tomaşaçylaryň ýüzlerinden şu duýgulary duýup bilsem, yhlasymyň ýerine düşdügi diýip pikir edýärin. Meniň üçin iň uly lezzet şol» diýip jogap beripdi.

Merdan Çaryýew täze möwsümde täze spektakllary döretmek ugrunda köp işler edýär. Ol hormatly Prezidentimiziň medeniýet we sungat işgärleri üçin edýän atalyk aladalaryna jogap edip, gözel, asuda döwrümizi wasp edýän spektakllarda özüne ynanylan keşpleri döretmegiň pikirinde. Biz Merdana halka hyzmat edip, uly abraýa, üstünliklere eýe bolup, sungat äleminde ýokary basgançaklara ýetmegini arzuw edýäris.

**Maýa ÇARYÝEWA,**
*Mary welaýatynyň Kemine adyndaky döwlet drama teatrynyň bölüm müdiri.*



## Bu gezek hem alypbaryjysyz geçiriler

Kino sungatynyň iň uly baýragy bolan Oskar dabarasyny alypbaryjysyz guramak däbe öwrülip barýar. Oskar baýraklarynyň gowşurylyş dabarasy eýýäm 3-nji gezek alypbaryjysyz geçiriler. 30 ýyldan soň ilkinji gezek 2019-njy ýylda alypbaryjysyz geçirilen dabara garaşylyşyndan ýokary baha alypdy. Şondan soň akademiýanyň ýolbaşçylary geçen ýylky dabarany hem alypbaryjysyz geçirdiler. Dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlara garamazdan, bu ýylky dabara az sanly hem bolsa adam gatnaşar. Dabara öňkülerden üýtgeşiklikde diňe bir ýerde däl-de, esasy mekany Los Anjelesdäki «Dolby» teatrynda hem-de şäherdäki demirýol menzili «Union Station»-da geçiriler. 93-nji Oskar baýraklary 25-nji aprelden 26-syna geçilýän gijede guralar.

## Kanadaly tanymal aktýor «Aktýor» filminde surata düşer

«The Notebook», «Blue Valentine», «Drive», «Blade Runner 2049» ýaly filmleriň meşhur aktýory Raýan Goslingiň nobatdaky kinosy belli boldy. Kanadaly aktýor «Aktýor» (The Actor) atly filmde baş keşbi janlandyrar. Film Donald E. Westleýkiň «Memory» atly romany esasynda ekranlaşdyrylar. Filme Dýuk Jonson režissýorlyk eder. Filmiň ssenarisini režissýoryň özi bilen Stefan Kuni bilelikde ýazarlar. «La La Land» filmindäki keşbi bilen Oskara dalaşgär görkezilen Gosling filmde 1950-nji ýyllarda Nýu Ýorkda ýaşaýan Pol Koul atly aktýoryň keşbinde surata düşer. Uruşly we drama görnüşli filmiň haçan görkeziljekdigi öňümizdäki günlerde mälim ediler.

## ÇAGALAR

**Agaçlardan we gyrymsy agaçlardan emele gelen tokaýlar Ýer ýüzünde ýaşaýşyň dowam etmegi üçin örän ähmiýetli hasaplanýar.**

### SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

***Towşana dogduk depe***

Her bir göçme manyly jümläniň aňyrsynda durmuş hakykaty ýatýar. Bu nakylda hem edil şonuň ýaly janly tebigatdan mysal alnan.

Haýwanat dünýäsinden belli bolşy ýaly, towşanlar hiç göç etmeýän oturymly jandar. Bu jandar haýsy toprakda, haýsy şertlerde doglan bolsa, öz ömrüni şol ýerde hem ötürýär. Ýaşulularyň gürrüň bermegine görä: «Gezim edip ýören wagtyň towşan hinine, ol ýerde-de bir towşana duşsaň, gidip arkaýyn ýarag alyp gelip bilersiň. Bu janawar öljegini bilse-de, dogduk depesinden daş gitmez». Türkmen halky towşanyň bu häsiýetinden ugur alyp, ýaş nesilde watançylyk ruhuny terbiýeleýär.

Watan we onuň mukaddesligi baradaky düşünjeler edebi eserleriň aglabasynda duş gelýär. Dogrudan hem, ynsan üçin onuň öz dogduk mekanyndan eziz ýurt bolmasa gerek. Bu barada türkmeniň beýik şahyry Magtymguly Pyragy şeýle belleýär:

***Eşit, adam, dogan ilden***
***Gaýry mähriban ýurt bolmaz.***

### MATALLAR

Bir atly gaçar,
Bäş atly kowar. — *Iňňe, el*

Bir guşjagaz uçup dur,
Töweregine seçip dur. — *Degirmen*

Bir dagyň üstünde
Bir atyň ýzy bar — *Göbek*

Bir enäniň on ogly,
Hemmesiniň ady bir. — *Barmaklar*

Bir halta bugdaýym bar,
Näçe iýsem-de, tükenmez. — *Söz*

Çöpli hokgaň içinde,
Böwri akja guş ýatyr. — *Kirpik, göz*

# Agaç ekýän jandarlar

Islendik ösümlik we jandar tebigatyň gözelliginiň artmagyna, onuň dowamlylygyna öz goşandyny goşýarlar. Agaçlardan we gyrymsy agaçlardan emele gelen tokaýlar Ýer ýüzünde ýaşaýşyň dowam etmegi üçin örän ähmiýetli hasaplanýar. Tokaýlar ekoulgamyň dowamlylygyna, tebigatdaky suwuň kadaly bolmagyna hem ýardam edýär. Tokaýlardan köp mukdarda kislorod öndürýärler. Bu bolsa ygalyň wagtynda ýagmagyna sebäp bolýar. Her zadyň belli bir ömrüniň bolşy ýaly tokaýlardaky agaçlar hem birnäçe ýyldan guraýar. Agaçlaryň birnäçe asyr ýaşaýany hem gabat gelýär. Tebigy tokaýlarda ýaşaýan jandarlar guran agaçlaryň ýerine täzeleriniň ösüp çykmaklaryna goşant goşýarlar. Mysal üçin, Aziýa pilleriniň depelän ýaş nahallarynyň has çalt ösýändigi anyklandy. Daşdeşenler bolsa guran agaçlary höwürtge ýasamak, onuň gabygynyň aşagyndaky mör-möjekleri iýmek ýa-da agaç gozalaryny kakmak üçin deşýärler. Şeýle bolansoň guran agaç gysga wagtda çüýräp, beýleki ösümlikler üçin tebigy dökün bolup hyzmat edýär. Tokaýlaryň arasynda emele gelen boşluklarda täze ösümlikleriň peýda bolmagyna belkalar hem goşant goşýar. Belkalaryň ululy-kiçili birnäçe görnüşi bolup, olar, adatça, tokaýlarda we ulurak seýilgählerde ýaşaýarlar. Bu owadanja jandarlar wagtynyň köp bölegini agajyň üstünde geçirýär. Bu jandarlar 10 ýyla çenli ýaşaýarlar. Beýleki käbir jandarlar ýaly gyş ukusyna ýatmaýan hem bolsalar, gyş gazaply gelse, uzak wagtlap agaç köweklerinde uklaýarlar.



Belkalar, adatça, iýmitlenmek we aw etmek üçin gündizine daşary çykýarlar. Belka çagasyny kiçi wagty alsaň, ony eldekileşdirip hem bolýar. Belkalar Ýewropada, Aziýa ýurtlarynyň köp ýerinde we Amerikada tebigy ýagdaýda ýaşaýarlar. Belkalar agaçlaryň guran şahalarynda, daşdeşeniň deşen köweklerinde özlerine öýjagaz ýasanýarlar. Belkanyň öýüniň agzy aşakda bolýar. Çalasyn hereketleri bilen tapawutlanýan bu jandarlar pürli agaçlaryň tohumlary, arça gozalary, tokaýda ýetişýän ir-iýmişler, kömelekler, agaç gabygy we mör-möjekler bilen iýmitlenýärler. Belkalar hoz, pisse, goza we tohum ýaly iýmitleri toplap, olary beýleki jandarlardan bukmak üçin ýere gömýärler. Hatda hozy ýere gömýän wagty özüne seredip duran başga bir belkanyň ýokdugyny anyklamak üçin daş-töweregini jyklaýarlar. Tohumy gömenden soňra üstüni ýapraklar we otlar bilen ýapyşdyrýarlar. Belkalar bu tohumlary soňra özi iýmek üçin gömýärler. Şeýle-de bolsa agaçlaryň bol hasyl beren döwründe gömülen tohumlaryň köpüsini onuň özi hem tapmaýar. Ýatdan çykan bu tohumlar ýaz pasly gelende gögerip çykýar. Şol sebäpli dünýäniň köp ýerinde belkalar agaçlary köpeltmek üçin tokaýlara goýberilýär.



# Baharyň bezegi BÄGÜL

Mähriban çagalar, ýaz paslynyň bezegi bolan ajaýyp gülleri halamaýan, megerem, ýok bolsa gerek. Tebigatyň gül-güläleklere beslenen bahar paslynyň dowam edýän şu günlerinde owadanja bägüliň şekilini ýasamagy öwreneliň! Bu kyn hem däl.

**Gerekli esbaplar:**

8 sany dört tarapy deň bolan dörtburçluk kagyz (islän reňkiňizi saýlap bilersiňiz), ýelim, gaýçy we galam.

**Ýasalyşy:**

Ilki bilen dörtburçluk kagyzy üçburç şekilinde eplemeli.

Soňra suratda görkezilişi ýaly edip, üçburç kagyzjygymyzyň iki gapdalyny ortasyna epin düşürip eplemeli.

Soňra kagyzymyzyň ýüzüne güljagazyň ýaprajygyny çekmeli.

Çekilen ýaprajygy seresaplyk bilen gyrkmaly.

Gyrkylan ýaprajygyň gatyny açanymyzda gülüň şekili emele geler.

Edil şolar ýaly edip galan kagyzlarymyzdan hem şol şekiljigi emele getirmeli.

Gül ýapraklaryny biri-biri bilen ýelimläp çykmaly. Ikinji kagyzymyzy hem ýene biri-birine gül şekilini emele getirip ýelimlemeli.

Üçünji gül şekilimiziň her gül ýaprajyklarynyň bir gapdalyna gaýçy ýa-da galam bilen tow berip, ters tarapyndan ýelimläp çykmaly.

Galanlaryny daşyndan dürli-dürli aralyklar bilen 5 gatyny bägüliň ýapraklarynyň bolşy ýaly gowşagrak edip aşaky böleginden ýelimlemeli.

Ine, güljagazymyz hem taýyn boldy. Ony ejeňize ýa-da uýalaryňyza sowgat edip bilersiňiz!

**Aýşirin ALYÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*



# GÜÝMENJE

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.
**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**






Üç ölçegli suratyň jogaby.

● **DIKLIGINE:** **1.** Öýde mallaryň saklanýan ýeri. **2.** Daýhançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanylýan ilatly ýer. **3.** Miwe. **4.** Salgyt. **5.** Bir zadyň ikinji bir zatdan aýratynlygy. **7.** Russiýanyň ulag öndürýän meşhur firmasy. **9.** Belli bir möhlete çenli nyrhy tölenmedik. **10.** Kaka (köne söz). **12.** Özüňden uly erkek dogan. **14.** Agaç ýonýan gural. **16.** Obanyň ýerli häkimi. **17.** Miwesinden şokolad ýasalýan tropiki agaç. **19.** Suw daşamak üçin gap. **23.** Maglumatlaryň sanawy olaryň aýry-aýry öýjüklerdäki ýazgysy. **24.** Rehimsiz. **25.** Waspnama. **27.** Gawun önümi. **28.** Agajyň ince uzyn baldaklary, pudak. **29.** Dürli ululykdaky halka görnüşli aýlaw. **31.** «... betpygaldan çykýandyr üstün» (G.Ezizow). **34.** «... sözi öý ýykar» (nakyl). **35.** Agaç, daragt.

● **KESELIGINE:** **1.** Demirgazyk Afrikada bir döwlet. **4.** Eýesiniň şahsyýetini we raýatlygyny tassyklaýan resminama. **6.** Öýjügiň daşky gabygy. **7.** Bawariýa futbol toparynyň oýunçysy Duglas .... **8.** Gyza dakylýan at. **10.** Kakaň kakasy. **11.** Daş-töweregi suw bilen gurşalan gury ýer bölegi. **13.** Närazylyk bildirilip, dilden aýdylýan şikaýat. **15.** Miwe. **17.** ...-kanun. **18.** Biriniň daşky görnüşi, üst-başy. **20.** Çagalar bagynda çagalara seredýän zenan. **21.** Belli bir wagt pursat. **22.** Gaýgy-.... **23.** Adama öwrenişmedik. **25.** Sözlerini, sazyny özi düzüp, özi ýerine ýetirýän bagşy. **26.** Hojalyk guraly. **28.** Gyra,gapdal, ýan. **30.** Oglana dakylýan at. **32.** Palak, boş. **33.** Himiki we fiziki jisimlerden ybarat bolan barlyk. **35.** «Ganaty bar, guş däldir, suw düýbünde daş däldir» (matal). **36.** Gülüň bir görnüşi. **37.** Gaýma iňňesi bilen gaýalýan ak çyzmyk şekilli nagyş. **38.** Bulaşyk.

## 19-njy KROSSWORD

**Şükür SEÝIDOW,** *Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.*




## 5-nji SKANWORD

**Guwanç BEGMYRADOW,** *Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň talyby.*

17-nji krosswordyň jogaby:



18-nji krosswordyň jogaby:





**Angliýanyň FA Kubogy ýaryşynda ýarym finalçylar belli boldy. Çärýek finalda «Southempton» myhmançylykda «Bornmuty» 3-0 (Dženepo 37, Redmond 45+1, 59) hasabynda ýeňdi. «Mançester Siti» myhmançylykda «Ewertony» (Gündogan 84, De Bruýne 90) hem-de «Çelsi» öz meýdançasynda «Şeffild Ýunaýtedi» (Norwud 24 ö.d., Ziýeş 90+2) 2-0 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. «Lester» hem «Mançester Ýunaýtedden» 3–1 (Iheanaço 24, 78, Tilemans 52 – Grinwud 38) üstün çykyp, ýarym finalda «Southemptonyň» garşydaşy boldy. 17-18-nji aprelde oýnaljak ýarym finalyň beýleki duşuşygynda «Çelsi» bilen «Mançester Siti» özara güýç synanyşar.**

SPORT

# «Bawariýa»–PSŽ, «Real Madrid»–«Liwerpul» çärýek finalda duşuşarlar

UEFA Çempionlar ligasynda çärýekdir ýarym finalyň bijeleri çekildi. Bijä laýyklykda, çärýek finalda janköýerlere biri-birinden gyzykly duşuşyklar garaşýar.

Esasan hem geçen möwsümiň çempiony «Bawariýa» bilen finalçysy PSŽ-niň arasynda boljak 2 duşuşyk hem eýýämden köpleriň üns merkezinde. Şu wagta çenli özara 9 gezek duşuşyk geçiren iki topar soňky sapar geçen möwsümiň finalynda duşuşypdy. Şol 9 oýnuň 5-sinde PSŽ, 4-sinde «Bawariýa» ýeňiş gazandy. Iki topar hem şol 9 oýunda 12 gol geçirdi.

Çärýek finalyň ýene bir ünsi çekýän duşuşygy 2018-nji ýylyň finalçylarynyň arasynda bolar. Ýagny «Real Madrid» topary «Liwerpul» bilen bije çekişip, olaryň arasyndaky birinji oýun Madridde oýnalar. Iki topar öňümizdäki boljak duşuşyklara çenli mundan ozal 6 gezek özara güýç synanyşdylar. Şol oýunlarda hersi 3 gezek ýeňiş gazanyp, iki topar finalda-da 2 gezek duşuşdylar (Gollar 7—7).





«Mançester Siti» bilen «Borussiýa Dortmund» hem-de «Porto» bilenem «Çelsi» çärýek finalyň beýleki oýunlaryny oýnarlar. «Mançester Siti» bilen «Borussiýa Dortmund» ozal 2 gezek duşuşdylar. 2012/13 möwsümiňde toparçalardaky oýunlarda nemes kluby öz meýdançasynda 2–1 ýeňip, myhmançylykda deňme-deň oýnapdy (1–1). Öňümizdäki 2 oýun «Çelsi» bilen «Portonyň» özara 9–10-njy duşuşyklary bolar. Öňki 8 oýunda «Çelsi» 5, «Porto» 2 gezek ýeňip, 1 oýun deňlikde tamamlandy. Gollarda iňlis topary 12–7 öňde barýar.

Ýarym finalda-da «Bawariýa»–PSŽ duşuşygynyň ýeňijisi bilen «Mançester Siti»–«Borussiýa Dortmund» duşuşygynyň ýeňijisi, şeýle-de «Real Madrid»–«Liwerpul» duşuşygynyň ýeňijisi bilenem «Porto»–«Çelsi» duşuşygynyň ýeňijisi finala çykmak ugrunda özara güýç synanyşarlar.

Çempionlar ligasynda çärýek finalyň duşuşyklary 6–7-nji hem-de 13–14-nji aprelde oýnalar. Ýarym final bolsa, 27–28-nji aprelde hem-de 4–5-nji maýda geçiriler. Final duşuşygy 29-njy maýda Stambuldaky Atatürk stadionynda oýnalar.

**UÇL-niň çärýek final duşuşyklary**
(6-njy aprel, 14-nji aprel)
**«Mançester Siti»—«Borussiýa D»**
**«Real Madrid»—«Liwerpul»**
(7-nji aprel, 13-nji aprel)
**«Porto»—«Çelsi»**
**«Bawariýa»—PSŽ**

**Ýarym final**
(27—28-nji aprel, 4—5-nji maý)
**«Bawariýa»/PSŽ —**
**«Mançester Siti»/«Borussiýa Dortmund»**

**«Real Madrid»/«Liwerpul» —**
**«Porto»/«Çelsi»**

## UEFA ÝEWROPA LIGASY

● UEFA Ýewropa ligasynda-da çärýekdir ýarym finalyň bijeleri çekildi. Bijä laýyklykda, «Mançester Ýunaýtede» azdakände ýeňil garşydaş düşdi. 1/8 finalda «Milany» ýaryşdan çykaran «Mançester Ýunaýted» Ispaniýanyň «Granada» topary bilen duşuşar. Başga bir iňlis topary «Arsenal» 1/8 finalda «Reýnjersden» üstün çykan «Slawiýa Praga» bilen güýç synanyşar. Çärýek finalyň iň esasy bijesi «Aýaks» bilen «Romanyň» arasynda bolup, iki topar ilki Amsterdamda duşuşarlar.



Ýewropa ligasyndaky 8 toparyň 2-si iňlis, 2-si ispan toparlarydyr. Galan dördüsi bolsa, Italiýa, Niderlandlara, Horwatiýa hem-de Çehiýa wekilçilik edýär. Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynynyň ikisiniň – Germaniýa bilen Fransiýanyň ýeke wekiliniň hem ýokdugyny belläliň. Ýewropa ligasynda çärýek final duşuşyklary 8-nji we 15-nji aprelde, ýarym final oýunlary bolsa, 29-njy aprelde hem-de 6-njy maýda oýnalar. Final duşuşygy 26-njy maýda Polşanyň Gdansk şäherindäki «PGE Arenada» oýnalar.

**ÇÄRÝEK FINAL (8-nji, 15-nji aprel)**
**«Granada»—«Mançester Ýunaýted»**
**«Arsenal»—«Slawiýa Praga»**
**«Aýaks»—«Roma»**
**«Dinamo Zagreb»—«Wilýarreal»**

**ÝARYM FINAL**
**(29-njy aprel, 6-njy maý)**
**«Granada»/«M. Ýunaýted»—«Aýaks»/«Roma»**
**«Dinamo Z»/«Wilýarreal»—«Arsenal»/«Slawiýa»**

## Bir sözlemde...

❯ «Monument» ady bilen meşhur bolan bir günlük welosiped ýol ýaryşlarynyň möwsümdäki ilkinji bäsleşigi «Milan – San Remo» 299 kilometrlik ýaryşda «Trek–Segafredo» toparynyň belgiýaly türgeni Ýasper Stuýýen 1-nji (6 sagat 38 minut 06 sekunt), «Lotto–Soudal» toparyndan awstraliýaly Kaleb Ewan 2-nji, «Team Jumbo–Visma» toparyndan belgiýaly Wut wan Aert 3-nji ýeri eýeledi.

❯ Meksikanyň Monterreý şäherinde zenanlaryň arasynda geçirilen «Açyk» çempionatda kanadaly 18 ýaşyndaky Leýla Enni Fernandes ýeňiji bolup, ol finalda şweýsariýaly Wiktoriýa Golubiçi 6:1, 6:4 hasaplar bilen ýeňdi we karýerasyndaky ilkinji çempionlygyny gazandy.

❯ Russiýada geçirilen «St. Petersburg Ladies' Trophy» ýaryşynyň finalynda ýerli tennisçiler — Dariýa Kasatkina bilen Margarita Gasparýan duşuşyp, olaryň birinjisi garşydaşynyň 2-nji setde oýundan çekilmeginden soň ýeňiş gazanyp (6:3, 2:1), karýerasyndaky 4-nji WTA çempionlygyny gazandy.

❯ Tennis boýunça erkekleriň arasynda geçirilen «Meksika Açyk» (Akapulko, Meksika) bäsleşikde germaniýaly Aleksander Zwerew çempion bolup, ol finalda gresiýaly Stefanos Sisipasy 6:4, 7:6 hasaplar bilen ýeňdi we ATP ýaryşlarynda 14-nji kubogyny asmana göterdi.

❯ Erkekleriň arasyndaky Dubaý tennis çempionatynyň finalynda russiýaly Aslan Karasew bilen Günorta afrikaly Lloýd Harris duşuşyp, 27 ýaşyndaky Karasew 6:3, 6:2 hasaplar bilen garşydaşyndan üstün çykdy we karýerasyndaky ilkinji çempionlygyny gazandy.

❯ NBA-da «Finiks Sans» toparynyň «Los Anjeles Leýkersi» 111:94 hasap bilen ýeňen duşuşygynda 11 utuk, 10 ribaunt hem-de 13 asist görkezijiler bilen çykyş eden 36 ýaşyndaky Kris Pol NBA-nyň taryhynda 10 müň asistden geçen 6-njy basketbolçy boldy.

❯ Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da noýabr aýynyň başynda wezipä bellenen «Fiorentinanyň» tälimçisi Çezare Prandelli öz islegi boýunça futbola degişli bolmadyk sebäplere görä wezipesini taşlady we klub onuň ornuna möwsümiň ahyryna çenli Juseppe Ýaçinini tälimçilige belledi.

# Italýanlarsyz çärýek final

UEFA Çempionlar ligasyna diňe 4 ýurtdan 4 topar gatnaşyp bilýär. Şolaryň biri-de Italiýa bolup, şu möwsümde «Serie A»-dan «Ýuwentus», «Atalanta», «Lasio» hem-de «Inter» wekilçilik etdi. «Wekilçilik etdi» diýmegimiziň sebäbi, häzirki wagtda italýan toparlarynyň hiç biri-de ýaryşy dowam etdirenok. Başgaça aýdylanda çärýek finalda italýan topary galmady. Soňky gezek 2015/16 möwsüminde şeýle waka bolupdy. Şol möwsümde 2 topar bilen wekilçilik eden italýan toparlary 1/8 finaldan öýlerine dolanypdy.

Şu möwsümde-de «Inter» toparçalarda 4-nji orny eýeläp, eýýäm başlangyçda «Serie A»-nyň wekili kemeldi. 1/8 finala çykan «Ýuwentus» üçin «Porto» ýeňil bije ýaly bolup görünýärdi. Emma kagyz ýüzündäki «hakykat» meýdançada başgarak şekilde öz beýanyny tapdy. Myhmançylykda 2-1 utulan «Ýuwentus» öz meýdançasynda goşmaça wagtda 3-2 ýeňse-de, çärýek finala ýollanma gazanyp bilmedi. «Ýuwentus» topary geçen möwsümde-de garaşylmadyk ýagdaýda «Liondan» asgyn gelipdi. Turinliler Ronaldo geleli bäri diňe 1 gezek çärýek finala çykdy.

Soňky ýyllarda şowly çykyş edýän «Atalanta» topary geçen möwsümde çärýek finala çykyp, taraply-tarapsyz hemmäniň alkyşyny alypdy. Topar çärýek finalda PSŽ-den utulypdy. Ýöne «Atalanta» toparyna bu gezek şol başarnygyny gaýtalamak başartmady. «Real Madrid» bilen bije çekişen italýan kluby iki ýerde-de güýçli garşydaşyndan asgyn geldi.

12 ýyldan soň Çempionlar ligasyna gatnaşan «Lasio» o diýen güýçli bolmadyk toparçada «Borussiýa Dortmunddan» soň 2-nji ýeri eýeläp, 1/8 finala çykdy. Rimliler bu tapgyrda soňky çempion bilen bije çekişdi. Eýýäm 1-nji oýunda 4-1 utulan «Lasio» üçin jogap oýny







diňe formal ýagdaýda geçdi diýsek ýalňyş bolmaz. Şunlukda, «Lasionyň» hem bes etmeginden soň, ýaryşda italýan topary galmady.

Bäsleşigiň Çempionlar ligasy adyny alanyndan bäri, başda 6 möwsümde ilki «Milan», soňra «Ýuwentus» 3 gezek finala çykyp, hersi 1 gezek kubogy eýeläpdi. Şondan soň, başdaky başarnygyny gaýtalap bilmedik italýan klublarynyň bu ýaryşdaky iň şowly wekili «Milan» bolup, topar 3 gezek çempion boldy. «Ýuwentus» 1996-njy ýylda çempion bolanyndan soň 5 gezek finalda utuldy. Finalda iň köp utulan topar bolan «Ýuwentusdan» soň «Inter» hem bir gezek çempionlyk gazanyp, ol UÇL-de çempionlyk gazanan soňky italýan toparydyr.

Umuman, 29 ýyllyk Çempionlar ligasynda 5 çempionlyk gazanan italýan klublar şu möwsümden öňem jemi 5 sapar, ýagny, 2001/02, 2002/03, 2008/09, 2013/14 hem-de 2015/16 möwsümlerinde çärýek finala çykyp bilmändiler.

Eýsem, Ýewropanyň öňdebaryjy beýleki çempionatlarynda ýagdaý nähilikä? 4 topar bilen gatnaşýan ispanlar diňe bir gezek çärýek finala çykyp bilmediler. Ol hem 2004/05 möwsüminde bolup, Stambulda tamamlanan ýaryşda «Milan» çempion bolupdy. Şu ýerde ýene bir zady bellesek, 13 ýyldan bäri yzygiderlilikde çärýek finala çykyp gelýän «Barselonanyň» üstünlikli çykyşyny PSŽ şu möwsümde soňlandyrdy.

Iňlis toparlaryna-da diňe 2 gezek – 2012/13 we 2014/15 möwsümlerinde çärýek finala çykmak başartmady. Irki ýyllarda 3, häzirki wagtda-da 4 topar bilen wekilçilik edýän nemes klublarynda bu görkeziji 4-e deňdir. 2002/03, 2003/04 möwsümlerinde yzly-yzyna, 2005/06 möwsüminde hem-de mundan 2 möwsüm ozal, ýagny 2018/19 möwsüminde soňky dörtlüge ýeke nemes topary-da düşüp bilmedi.

Şeýle-de, UEFA-nyň beýleki bäsleşigi Ýewropa ligasynda-da häzirlikçe «Roma» Italiýanyň adyndan wekilçilik edýän ýeke-täk topardyr. Nemes we fransuz toparlarynyň galmadyk ýaryşynda Ispaniýadyr Angliýanyň hersinden 2 topar çykyş edýär.

## Dünýäniň täsin stadionlary

● Slowakiýanyň professional däl futbol toparlarynyň biri bolan «TJ Tatran Çierni Balog» kluby öz duşuşyklaryny kiçeňräk stadionda geçirýär. Demirýol menziliniň golaýynda gurlan bu stadionyň özboluşly tarapy içinden demir ýoluň geçmegidir. Baloz welaýatynyň Çierni Balog şäherçesiniň kluby 1933-nji ýylda esaslandyrylyp, toparyň stadionynyň az sanly janköýere niýetlenen tribuna tarapynda, tomaşaçylaryň öňünden wagtal-wagtal 2–3 wagonly hem bolsa otly geçip gidýär. 1890-njy ýyllarda gurlup başlanan demirýoly tokaýdyr daglaryň arasyndan geçýär. Häzirki wagtda 1982-nji ýylda resmi ýagdaýda ýapylan demir ýoluň 17 kilometri diňe syýahatçylyk maksatly ulanylýar. Demir ýoluň stadionyň içinden geçýän ýeri «TJ Tatran Çierni Balog» klubunyň duşuşygyna tomaşa etmäge gelenlerde ýatdan çykmajak täsir galdyrýar.





# F1-iň täze möwsümi







Dünýäniň iň köp tomaşa edilýän sport ýaryşlarynyň biri bolan Formula 1 boýunça Dünýä çempionatynyň täze möwsümi 28-nji martda badalga alar. 72-nji F1 möwsüminde 23 bäsleşik geçiriler. Möwsümiň ilkinji ýaryşy, adatça, Awstraliýada geçirilýärdi. Ýöne Awstraliýa «Gran Prisi» 21-nji ýaryş bolup sanawa alyndy. Möwsümiň ilkinji bäsleşigi Bahreýnde geçiriler. Saud Arabystanynda F1 ýaryşy ilkinji gezek geçiriler we Niderlandlarda 36 ýyldan soň, F1 ýaryşy guralar.

10 toparyň gatnaşjak Dünýä çempionatynda 20 sürüji çempionlyk ugrunda özara bäsleşerler. Toparlaryň 3-si Beýik Britaniýadan, 2-si Italiýadan, galan 5-si bolsa Fransiýa, Awstriýa, ABŞ, Germaniýa hem-de Şweýsariýa döwletlerine degişli toparlardyr. Bu toparlara Beýik Britaniýadan 3, Kanadadan, Fransiýadan, Ispaniýadan, Finlýandiýadan hem-de Germaniýadan 2, Italiýadan, Ýaponiýadan, Monakodan, Russiýadan, Awstraliýadan, Meksikadan hem-de Niderlandlardan 1 sürüji wekilçilik eder. Sürüjileriň arasynda rowaýaty pilot Mihael Şumaheriň ogly Mik Şumaher hem bolup, ol russiýaly Nikita Mazepin bilen bilelikde «Uralkali Haas» toparynyň adyndan ilkinji gezek F1-de çykyş eder.

Çempionlygyň esasy dalaşgäri ýene-de Lýuwis Hamiltondyr. Ol 8-nji çempionlygyny gazanyp, Şumaher bilen paýlaşýan rekordyny öz adyna geçirmek isleýär.

## TOPARLAR WE SÜRÜJILER

► «Alfa Romeo Racing Orlen» (Şweýsariýa) – Kimi Raikkonen (Finlýandiýa), Antonio Jowinazzi (Italiýa)

► «Scuderia AlphaTauri Honda» (Italiýa) – Pierr Gasli (Fransiýa), Ýuki Tsunoda (Ýaponiýa)

► «Alphine F1 Team» (Fransiýa) – Fernando Alonso (Ispaniýa), Estaban Okon (Fransiýa)

► «Aston Martin Cognizant Formula One Team» (B. Britaniýa) – Sebastian Wettel (Germaniýa), Lans Stroll (Kanada)

► «Scuderia Ferrari Mission Winnow» (Italiýa) – Şarl Lekler (Monako), Karlos Saýns Junior (Ispaniýa)

► «Uralkali Haas F1 Team» (ABŞ) – Nikita Mazepin (Russiýa), Mik Şumaher (Germaniýa)

► «McLaren F1 Team» (B. Britaniýa) – Daniel Rikkiardo (Awstraliýa), Lando Norris (B. Britaniýa)

► «Mercedes-AMG Petronas Formula One Team» (Germaniýa) – Lýuwis Hamilton (B. Britaniýa), Waltteri Bottas (Finlýandiýa)

► «Red Bull Racing Honda» (Awstriýa) – Serhio Perez (Meksika), Maks Werstappen (Niderlandlar)

► «Williams Racing» (B. Britaniýa) – Nikolas Latifi (Kanada), Jorj Rassel (B. Britaniýa)

| № | «GRAN PRILER» | GEÇIRILJEK ÝERI – ŞÄHERI | GEÇIRILJEK WAGTY |
|---|---|---|---|
| 1 | Bahreýn GP | «Bahreýn» halkara trassasy – Sakhir | 28-nji mart |
| 2 | Emilia Romanýa GP | «Imola» trassasy – Imola | 18-nji aprel |
| 3 | Portugaliýa GP | «Algarwe» halkara trassasy – Portimao | 2-nji maý |
| 4 | Ispaniýa GP | «Barselona-Katalunýa» – Montmelo | 9-njy maý |
| 5 | Monako GP | «Monako» trassasy – Monte Karlo | 23-nji maý |
| 6 | Azerbaýjan GP | Baku şäheriniň köçeleri – Baku | 6-njy iýun |
| 7 | Kanada GP | Žill Willnýow awtodromy – Monreal | 13-nji iýun |
| 8 | Fransiýa GP | Pol Rikar trassasy – Le Kastelle | 27-nji iýun |
| 9 | Awstriýa GP | «Red Bull Ring» – Şpilberg | 4-nji iýul |
| 10 | Britaniýa GP | «Silwerstoun» trassasy – Silwerstoun | 18-nji iýul |
| 11 | Wengriýa GP | «Hungaroring» – Modorod | 1-nji awgust |
| 12 | Belgiýa GP | «Spa-Frankorçamps» awtodromy – Stawlo | 29-njy awgust |
| 13 | Niderlandlar GP | «Zandwort» trassasy – Zandwort | 5-nji sentýabr |
| 14 | Italiýa GP | «Monza» trassasy – Monza | 12-nji sentýabr |
| 15 | Russiýa GP | «Soçi» awtodromy – Soçi | 26-njy sentýabr |
| 16 | Singapur GP | Marina Baý şäherçesiniň köçeleri – Singapur | 3-nji oktýabr |
| 17 | Ýaponiýa GP | «Suzuka» halkara awtodromy – Suzuka | 10-njy oktýabr |
| 18 | Amerika GP | «Americas» awtodromy – Ostin, Tehas | 24-nji oktýabr |
| 19 | Mehiko Siti GP | Hermanos Rodrigues awtodromy – Mehiko Siti | 31-nji oktýabr |
| 20 | Sao Paulo GP | Hose Karlos Peýs awtodromy – Sao Paulo | 7-nji noýabr |
| 21 | Awstraliýa GP | Albert Park awtodromy – Melburn | 21-nji noýabr |
| 22 | Saud Arabystany GP | Jidda şäheriniň köçeleri – Jidda | 5-nji dekabr |
| 23 | Abu Dabi GP | «Ýas Marina» – Abu Dabi | 12-nji dekabr |

### LA LIGA (28) — 26 gol

**Betis—Lewante: 2–0** (Fekir 70, Huanmi 75), **Atletik—Eýbar: 1–1** (Berçiçe 9 — Kike Garsiýa 17), **Selta—Real Madrid: 1–3** (Santi Mina 40 — Benzema 20, 30, Asensio 90+4), **Hueska—Osasuna: 0–0, Walýadolid—Sewilýa: 1–1** (Orelýana 44 p — Bunu 90+4), **Hetafe—Elçe: 1–1** (Ünal 60 — Milýa 20), **Wilýarreal—Kadiz: 2–1** (Žerar Morena 5 p, Bakka 67 — Fernandes 69), **Walensiýa—Granada: 2–1** (Wass 4, Blanko 66 — Soldado 90), **Atletiko—Alawes: 1–0** (Suares 54), **R. Sosiedad—Barselona: 1–6** (Barraneçea 77 — Grizmann 37, Dest 43, 53, Messi 56, 89, Dembele 71)

### SERIE A (28) — 23 gol

**Krotone—Bolonýa: 2–3** (Messias 32, Simi 40 p — Sumaoro 62, Shuten 70, Skow Olsen 84), **Parma—Jenoa: 1–2** (Pelle 16 – Skamakka 50, 69), **Spesiýa—Kaliari: 2–1** (Pikkoli 49, Majore 80 — Pereýro 83), **Werona—Atalanta: 0–2** (Malinowski 33 p, Zapata 42), **Roma—Napoli: 0–2** (Mertens 27, 34), **Sampdoriýa—Torino: 1–0** (Kandrewa 25), **Udineze—Lasio: 0–1** (Maruşiç 37), **Ýuwentus—Benewento: 0–1** (Gaýç 69), **Fiorentina—Milan: 2–3** (Pulgar 17, Riberi 51 — Ibrahimowiç 9, Dias 57, Çalhanoglu 72), **Inter—Sassuolo** (soňa goýuldy)

### LIGUE 1 (30) — 30 gol

**Sent-Etien—Monako: 0–4** (Ýowetiç 13, Çuameni 55, Diop 65, Diatta 77), **Mets—Renn: 1–3** (Ýade 90 — Doku 18, Tierre 38 p, Girassi 89), **Nissa—Marsel: 3–0** (Turam 34, Guiri 74, Klod-Moris 90+1), **Strasbur—Lans: 1–2** (Belgard 20 — Aýdara 5, Fofana 40), **Dižon—Reýms: 0–1** (Dia 50), **Monpelie—Bordo: 3–1** (Sambiýa 35, Lýabord 58, Mawididi 69 — Uý Žo Hwan 28), **Nant—Loriýan: 1–1** (Kolo 2 — Loriýan 87), **Lill—Nim: 1–2** (Şeka 20 — Kone 12, Ripar 45), **Lion—PSŽ: 2–4** (Slimani 62, Korne 81 — Mbappe 15, 52, Pereýra 32, Di Mariýa 47)

### BUNDESLIGA (26) — 30 gol

**Arminiýa—Leipsig: 0–1** (Sabitzer 46), **Köln—Borussia D: 2–2** (Duda 35 p, Ýakobs 65 — Holann 3, 90), **Werder-Wolfsburg: 1–2** (Mýowald 45 — Sarjent 9 ö.d., Werghorst 42), **Bawariýa—Ştutgart: 4–0** (Lewandowski 18, 23, 39, Gnabri 22), **Aýntraht—Union Berlin: 5–2** (Andre Silwa 2, 41, Andrih 35 ö.d., Kostiç 39, Suber 90+2 — Kruze 7, 45+3), **Şalke—Borussiýa M: 0–3** (Ştindl 15, Laýner 63, Elwedi 72), **Hoffenhaým—Maýns: 1–2** (Bebu 39 — Glatsel 1, Kor 41), **Herta—Baýer: 3–0** (Zefeýk 4, Kunýa 26, Kordoba 33), **Fraýburg—Augsburg: 2–0** (Şallai 51, Linhart 79)

### PREMÝER LIGA (23) — 32 gol

**Rotor—Rostow: 0–4** (Gigowiç 41, Almkwist 59, Sou 69, Saplinow 90+2), **Ahmat—Arsenal: 2–0** (Semenow 33, Ilin 47), **SSKA—Zenit: 2–3** (Rondon 29, Wlaşiç 90+1 p — Dzýuba 33, Wendel 50, 77), **Ufa—Lokomotiw: 0–1** (Kryhowiýak 80), **Spartak—Ural: 5–1** (Larsson 12, 57, Promes 26, Sobolew 45+2 p, 90+7 p — Bikfalwi 55 p), **Krasnodar—Dinamo: 2–3** (Wilena 11, Gazinskiý 51 — Fomin 58, Týukawiç 66, 80), **Soçi—Tambow: 5–0** (Zabolotnyý 45+2, 80, Terehow 55, Rudenko 74, Barsow 90), **Rubin—Himki: 1–3** (Despotowiç 42 — Mirzow 20 p, Mogilewes 28, Kuharçuk 75)

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ATLETIKO | 28 | 20 | 6 | 2 | 51-18 | 66 |
| 2 | BARSELONA | 28 | 19 | 5 | 4 | 67-24 | 62 |
| 3 | REAL MADRID | 28 | 18 | 6 | 4 | 49-23 | 60 |
| 4 | SEWILÝA | 28 | 17 | 4 | 7 | 39-21 | 55 |
| 5 | REAL SOSIEDAD | 28 | 12 | 9 | 7 | 44-28 | 45 |
| 6 | BETIS | 28 | 14 | 3 | 11 | 38-41 | 45 |
| 7 | WILÝARREAL | 28 | 10 | 13 | 5 | 39-31 | 43 |
| 8 | GRANADA | 28 | 10 | 6 | 12 | 34-46 | 36 |
| 9 | ATLETIK B | 28 | 9 | 8 | 11 | 38-32 | 35 |
| 10 | LEWANTE | 28 | 8 | 11 | 9 | 36-37 | 35 |
| 11 | SELTA | 28 | 8 | 10 | 10 | 35-43 | 34 |
| 12 | WALENSIÝA | 28 | 8 | 9 | 11 | 34-38 | 33 |
| 13 | OSASUNA | 28 | 7 | 9 | 12 | 23-35 | 30 |
| 14 | HETAFE | 28 | 7 | 8 | 13 | 22-33 | 29 |
| 15 | KADIZ | 28 | 7 | 8 | 13 | 24-44 | 29 |
| 16 | WALÝADOLID | 28 | 5 | 12 | 11 | 26-38 | 27 |
| 17 | ELÇE | 28 | 5 | 10 | 13 | 25-42 | 25 |
| 18 | ALAWES | 28 | 5 | 8 | 15 | 23-44 | 23 |
| 19 | EÝBAR | 28 | 4 | 11 | 13 | 22-33 | 23 |
| 20 | HUESKA | 28 | 3 | 12 | 13 | 26-44 | 21 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lionel MESSI (Barselona) | 23 |
| 2 | Luis SUARES (Atletiko) | 19 |
| 3 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 17 |
| 4 | Žerar MORENO (Wilýarreal) | 16 |
| 5 | Ýussef EN-NESIRI (Sewilýa) | 15 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 27 | 20 | 5 | 2 | 65-26 | 65 |
| 2 | MILAN | 28 | 18 | 5 | 5 | 53-33 | 59 |
| 3 | ATALANTA | 28 | 16 | 7 | 5 | 65-34 | 55 |
| 4 | ÝUWENTUS | 27 | 16 | 7 | 4 | 54-23 | 55 |
| 5 | NAPOLI | 27 | 17 | 2 | 8 | 58-29 | 53 |
| 6 | ROMA | 28 | 15 | 5 | 8 | 51-42 | 50 |
| 7 | LASIO | 27 | 15 | 4 | 8 | 43-37 | 49 |
| 8 | SASSUOLO | 27 | 10 | 9 | 8 | 45-44 | 39 |
| 9 | WERONA | 28 | 10 | 8 | 10 | 36-34 | 38 |
| 10 | SAMPDORIÝA | 28 | 10 | 5 | 13 | 38-42 | 35 |
| 11 | BOLONÝA | 28 | 9 | 7 | 12 | 39-44 | 34 |
| 12 | UDINEZE | 28 | 8 | 9 | 11 | 30-36 | 33 |
| 13 | JENOA | 28 | 7 | 10 | 11 | 30-40 | 31 |
| 14 | FIORENTINA | 28 | 7 | 8 | 13 | 35-45 | 29 |
| 15 | SPESIÝA | 28 | 7 | 8 | 13 | 36-51 | 29 |
| 16 | BENEWENTO | 28 | 7 | 8 | 13 | 28-52 | 29 |
| 17 | TORINO | 27 | 4 | 11 | 12 | 39-50 | 23 |
| 18 | KALIARI | 28 | 5 | 7 | 16 | 31-48 | 22 |
| 19 | PARMA | 28 | 3 | 10 | 15 | 26-54 | 19 |
| 20 | KROTONE | 28 | 4 | 3 | 21 | 32-70 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kristiano RONALDO (Ýuwentus) | 23 |
| 2 | Romelu LUKAKU (INTER) | 19 |
| 3 | Luis MURIEL (Atalanta) | 16 |
| 4 | Zlatan IBRAHIMOWIÇ (Milan) | 15 |
| 5 | Çiro IMMOBILE (Lasio) | 14 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 30 | 20 | 3 | 7 | 67-21 | 63 |
| 2 | LILL | 30 | 18 | 9 | 3 | 50-19 | 63 |
| 3 | LION | 30 | 17 | 9 | 4 | 59-30 | 60 |
| 4 | MONAKO | 30 | 18 | 5 | 7 | 60-38 | 59 |
| 5 | LANS | 30 | 13 | 9 | 8 | 46-42 | 48 |
| 6 | MARSEL | 30 | 12 | 9 | 9 | 38-36 | 45 |
| 7 | RENN | 30 | 12 | 8 | 10 | 37-33 | 44 |
| 8 | MONPELIE | 30 | 12 | 8 | 10 | 48-49 | 44 |
| 9 | METS | 30 | 11 | 9 | 10 | 36-32 | 42 |
| 10 | ANŽE | 30 | 11 | 7 | 12 | 33-43 | 40 |
| 11 | NISSA | 30 | 11 | 6 | 13 | 39-41 | 39 |
| 12 | REÝMS | 30 | 9 | 11 | 10 | 36-36 | 38 |
| 13 | BORDO | 30 | 10 | 6 | 14 | 32-38 | 36 |
| 14 | BREST | 30 | 10 | 5 | 15 | 43-53 | 35 |
| 15 | STRASBUR | 30 | 9 | 6 | 15 | 37-44 | 33 |
| 16 | SENT-ETIEN | 30 | 8 | 9 | 13 | 30-46 | 33 |
| 17 | LORIÝAN | 30 | 7 | 8 | 15 | 36-53 | 29 |
| 18 | NIM | 30 | 8 | 5 | 17 | 30-56 | 29 |
| 19 | NANT | 30 | 5 | 13 | 12 | 30-46 | 28 |
| 20 | DIŽON | 30 | 2 | 9 | 19 | 20-51 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 20 |
| 2 | Memfis DEPAÝ (Lion | 14 |
| 3 | Bissam BEN ÝEDDER (Monako) | 13 |
| 4 | Kewin WOLLAND (Monako) | 13 |
| 5 | Boulaýe DIA (Reýms) | 13 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 26 | 19 | 4 | 3 | 78-35 | 61 |
| 2 | LEIPSIG | 26 | 17 | 6 | 3 | 48-21 | 57 |
| 3 | WOLFSBURG | 26 | 14 | 9 | 3 | 45-22 | 51 |
| 4 | AÝNTRAHT | 26 | 12 | 11 | 3 | 53-36 | 47 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 26 | 13 | 4 | 9 | 54-37 | 43 |
| 6 | BAÝER | 26 | 11 | 7 | 8 | 43-31 | 40 |
| 7 | UNION BERLIN | 26 | 9 | 11 | 6 | 40-32 | 38 |
| 8 | FRAÝBURG | 26 | 10 | 7 | 9 | 39-39 | 37 |
| 9 | ŞTUTGART | 26 | 9 | 9 | 8 | 47-41 | 36 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 26 | 9 | 9 | 8 | 44-40 | 36 |
| 11 | HOFFENHAÝM | 26 | 8 | 6 | 12 | 40-45 | 30 |
| 12 | WERDER | 26 | 7 | 9 | 10 | 31-38 | 30 |
| 13 | AUGSBURG | 26 | 8 | 5 | 13 | 27-40 | 29 |
| 14 | HERTA | 26 | 6 | 6 | 14 | 31-45 | 24 |
| 15 | MAÝNS | 26 | 6 | 6 | 14 | 26-45 | 24 |
| 16 | KÖLN | 26 | 5 | 8 | 13 | 25-46 | 23 |
| 17 | ARMINIÝA | 26 | 6 | 4 | 16 | 20-45 | 22 |
| 18 | ŞALKE | 26 | 1 | 7 | 18 | 16-69 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Bawariýa) | 35 |
| 2 | Andre SILWA (Aýntraht) | 21 |
| 3 | Erling HOLANN (Borussiýa D) | 21 |
| 4 | Wut WERGHORST (Wolfsburg) | 17 |
| 5 | Andreý KRAMARIÇ (Hoffenhaým) | 14 |

**RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ZENIT | 23 | 14 | 6 | 3 | 53-21 | 48 |
| 2 | SPARTAK | 23 | 13 | 5 | 5 | 46-26 | 44 |
| 3 | LOKOMOTIW | 23 | 12 | 4 | 7 | 30-26 | 40 |
| 4 | SOÇI | 23 | 11 | 7 | 5 | 38-25 | 40 |
| 5 | SSKA | 23 | 12 | 4 | 7 | 40-24 | 40 |
| 6 | DINAMO | 23 | 12 | 3 | 8 | 32-26 | 39 |
| 7 | ROSTOW | 23 | 11 | 4 | 8 | 30-23 | 37 |
| 8 | RUBIN | 23 | 11 | 4 | 8 | 32-29 | 37 |
| 9 | HIMKI | 23 | 10 | 5 | 8 | 30-32 | 35 |
| 10 | KRASNODAR | 23 | 10 | 4 | 9 | 44-30 | 34 |
| 11 | AHMAT | 23 | 8 | 5 | 10 | 22-29 | 29 |
| 12 | URAL | 23 | 5 | 11 | 7 | 20-30 | 26 |
| 13 | ROTOR | 23 | 4 | 6 | 13 | Dec-36 | 18 |
| 14 | ARSENAL | 23 | 4 | 5 | 14 | 19-40 | 17 |
| 15 | UFA | 23 | 3 | 5 | 15 | 15-37 | 14 |
| 16 | TAMBOW | 23 | 3 | 4 | 16 | 14-43 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Serdar AZMUN (Zenit) | 13 |
| 2 | Artýom DZÝUBA (Zenit) | 13 |
| 3 | Jordan LARSSON (Spartak) | 12 |
| 4 | Jorje DESPOTOWIÇ (Rubin) | 11 |
| 5 | Nikola WLAŞIÇ (SSKA) | 10 |

# Messiniň taryhy rekordy

Ispaniýanyň çempionatynda «Barselonanyň» şemaly belentden öwüsýär. Katalonlar çempionatda 18 oýundan bäri ýeňilmän gelýär (15 ýeňiş, 3 deňlik). Olar 28-nji tapgyrda myhmançylykda öňdäki orunlara ymtylýan «Real Sosiedady» uly hasap bilen,



6–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Katalonlara ýeňiş getiren gollary Grizmann (36), Dest (43, 53), Messi (56, 89) hem-de Dembele (71) öz atlaryna ýazdyrdylar. Ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny-da 77-nji minutda Barraneçea derweze girizdi. Duşuşykda 2 gol geçiren Lionel Messi katalonlaryň düzümindäki 768-nji oýnuny oýnap (çempionatda 511-nji oýun), Hawi Hernandesiň rekordyny täzeledi we «Barselonanyň» iň köp duşuşyk geçiren futbolçysy boldy.

### ● Suaresiň 500-nji goly

Sanawyň lideri «Atletiko Madrid» bolsa öz meýdançasynda «Alawesi» Luis Suaresiň (53) ýeke-täk goly bilen 1–0 utdy. Bu gol urugwaýly hüjümçiniň karýerasyndaky 500-nji goly hökmünde hasaba alyndy. 3-nji basgançakda barýan «Real Madrid» hem myhmançylykda «Seltany» 3–1 hasabynda ýeňdi. Oýunda Karim Benzema 2 gezek tapawutlandy.

### ● Mbappeniň 100-nji goly

Fransiýanyň çempionatynda çempionlyk ugrunda ýiti göreş dowam edýär. Sanawyň lideri «Lilliň» öz meýdançasynda «Nimden» 2–1 utulan tapgyrynda PSŽ myhmançylykda «Lion» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda parižliler 4–2 hasap bilen ýeňşini baýram etdi. PSŽ toparyna ýeňiş getiren gollary Kilian Mbappe (15, 52), Pereýra (32) hem-de Di Mariýa (47) derweze girizdi. «Lionyň» gollaryny Slimani (62) bilen Korne (81) öz atlaryna ýazdyrdylar. Duşuşykda 2 gol geçiren Mbappeniň çempionatdaky gollarynyň sany 100-e ýetdi. 22 ýaşynda (22 ýaş 91 günde) 100 gol geçiren Mbappe bu ugurda Messiden (23 ýaş 149 günde 100 gol), Lewandowskiden (24 ýaş 200 günde 100 gol), Ronaldodan (25 ýaş 22 günde 100 gol) hem-de Ibrahimowiçden (26 ýaş 102 günde 100 gol) öňe saýlandy. Bu ýeňişden soň, utugyny 63-e çykaryp, «Lill» bilen deňleşen PSŽ sanawyň birinji basgançagyna geçdi.



Italiýanyň çempionatynda «Milan» myhmançylykda «Fiorentinany» 3–2 hasabynda ýeňdi. «Interiň» duşuşyk geçirmedik bu tapgyrynda «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Benewentodan» 1–0 asgyn geldi. Çempionatda oýnalan 9 duşuşygyň 7-sinde myhmanlar ýeňiş gazandy.

Germaniýanyň çempionatynda «Bawariýa» oýnuň başynda bir oýunçysy gyzyl kart alandygyna garamazdan, «Ştutgarty» 4–0 ýeňdi. Oýunda Lewandowski 3 gezek tapawutlanyp, möwsümdäki gollarynyň sanyny 35-e ýetirdi. Lewandowski ýene-de 5 pökgi geçirse, ol Gerd Mülleriň bir möwsümdäki 40 golluk rekordyny täzelär.

Russiýanyň çempionatynda tapgyryň merkezi oýnunda «Zenit» myhmançylykda SSKA-dan 3–2 üstün çykdy. Sankt-peterburglylara ýeňiş getiren gollary Dzýuba bilen Wendel (2) öz atlaryna ýazdyrdylar. Duşuşykdan soň, Iwisa Oliç Wiktor Gonçarenkonyň ornuna SSKA-nyň täze tälimçisi wezipesine bellendi. Moskwanyň «Spartak» hem-de «Dinamo» toparlarynyň şowly çykyşy dowam edip, «Spartak» öz meýdançasynda «Uraly» 5–1, «Dinamo» hem myhmançylykda «Krasnodary» ýer eýeleriniň 2–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, 3–2 hasabynda ýeňiş gazanmagy başardy.

## Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky kiçi göwrümli karz serişdelerini hödürleýär

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky ýurdumyzyň raýatlaryna «Kiçi göwrümli karz» hyzmatyny hödürleýär. Berilýän karz serişdeleri melleginde (kömekçi hojalygynda, bölünip berlen ýer böleginde) maldarçylygy, ekerançylygy ösdürmek, ekmek ýaly oba hojalyk işleri üçin peýdalanmagy meýilleşdirýän raýatlara hödürlenilýär.

Kiçi göwrümli karzlar 30 müň manada çenli ýyllyk 10 göterim bilen 3 ýyllyk möhlete berilýär. Kiçi göwrümli karzlar şu aşakdaky maksatlara berilýär:

- önümçiligi guramak, ösdürmek we giňeltmek;
- önümleriň göwrümini artdyrmak;
- oba hojalyk tehnikasyny satyn almak;
- mal ýataklaryny we fermalary gurmak, abzallary, gurallary satyn almak;
- mallary, balyklary we öý guşlaryny satyn almak;
- mallar we öý guşlary üçin ot-iýmleri, weterinariýa serişdelerini satyn almak;
- ösümlikleri ýetişdirmek, tohumlary, mineral dökünleri, şitilleri we agaç nahallaryny satyn almak.

«Kiçi göwrümli karzlar» barada giňişleýin maglumaty almak üçin bankyň Baş edarasyna, şeýle hem bankyň Aşgabat şäher şahamçasyna we Türkmenbaşy şäher şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz.

**Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky – Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk!**

**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:**
**Baş bank:** 40-61-24, 40-61-50, 40-61-55
**Biziň salgymyz:** Aşgabat ş. Garaşsyzlyk şaýoly, 32.

**Aşgabat şäher şahamçasy:** 21-99-82, 21-99-83, 21-99-84
**Biziň salgymyz:** 10 ýyl Abadançylyk köçesi, 160.

**Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäherindäki şahamçasy:**
800 243-2-12-87; 800 243-2-58-86

*www.tfeb.gov.tm*
*karz@tfeb.gov.tm*




## «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky Size «Hoş geldiňiz!» diýýär we bankymyzyň hyzmatlaryndan peýdalanmaga çagyrýar.

*Bankymyz tarapyndan amala aşyrylýan hyzmatlar Siziň ähli soraglaryňyzy we islegleriňizi hili boýunça-da, göwrümi boýunça-da kanagatlandyrar diýip umyt edýäris. Biziň hyzmatlarymyz üçin bellenilen nyrhlar bolsa özüniň elýeterliligi we ýönekeýligi bilen Siziň bankymyza bolan ynamyňyzy has-da berkider.*

- Siz biziň bankymyzda hasap açyp, öz işjeňligiňiz üçin maliýe gurallaryň amatly görnüşlerini edinýärsiňiz, olar Siziň hasaplaşyklaryňyzy çaltlandyrar, töwekgelçilikleriňizi peselder we bank hyzmatlary üçin çykdajylaryňyzy azaldar.
- Şu günki gün her bir müşderä aýratyn hyzmat etmek şertlerinde, bank hyzmatlarynyň giň göwrümini Size teklip etmeklige biz taýýar. «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky özüniň plastik kartlaryny çykarýar. Kepillendirmek amallaryny ulanmaklyk eksportçylara we importçylara özleriniň mümkin boljak töwekgelçiliklerini ep-esli peseltmekli-ge, şeýle-de taraplaryň her biriniň aňryçäk bähbitlerini göz öňünde tutmaklyga şert döredýär.
- Diňe müşderi bilen bankyň arasyndaky gatnaşykda döreýän ygtybarlylyk we durnuklylyk öňde goýlan maksatlara ýetirýär.

***«Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky – Biz geljegi Siziň bilen döredýäris.***

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:
96-46-96.
Faks: 26-38-24.




## ELEKTRON ABUNA BOLMAGYŇ ÝEŇILLIKLERI

- HEPDELIK GAZETIŇ ELEKTRON NUSGASYNY ÝÜKLÄP ALYŇ!
- EL TELEFONLARYŇYZ ARKALY ISLENDIK ÝERDE TÄZELIKLERDEN HABARLY BOLUŇ!
- ÖSÜMLIK WE HAÝWANAT DÜNÝÄSI BARADAKY KITAPÇALARY ÝÜKLÄP ALYŇ!
- KROSSWORD, SKANWORD WE BEÝLEKI GÜÝMENJE KITAPÇALARYNY ÝÜKLÄP ALYŇ!
- ÇAGALAR ÜÇIN OÝNAWAÇLAR WE OÝUNLAR BARADAKY KITAPÇALAR SIZE GARAŞÝAR!

GAZETIŇ MOBIL GOŞUNDYSYNY
Google Play | App Store
HEM-DE ZAMANTURKMENISTAN.COM.TM SAÝTYNDAN ALYP BILERSIŇIZ!

